# MILLIONERIŇ SYRY

## (Mark Fişer)

**1-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ADAM ÖZÜNIŇ BARLY GARYNDAŞYNYŇ ÝANYNA MASLAHAT SORAMAK ÜÇIN GELÝÄR .......... 2**

**2-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ADAM GOJA BAGBAN BILEN TANYŞ BOLÝAR .......... 5**

**3-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ADAM TÖWEKGELLIK ETMEGI WE MÜMKINÇILIKLERDEN PEÝDALANMAGY ÖWRENÝÄR .......... 10**

**4-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ADAM BENDILIGE DUÇAR BOLÝAR .......... 16**

**5-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ADAM YNANMAGY ÖWRENÝÄR .......... 17**

**6-NJY BÖLÜM: ÝAŞ ADAM MAKSATDA ÜNSÜNI JEMLEMEGI ÖWRENÝÄR .......... 19**

**7-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ÝIGIT ÖZÜNIŇ "MENINIŇ" KEŞBINIŇ GYMMATY BARADA BILÝÄR .......... 22**

**8-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ÝIGIT ÖZI ÜÇIN SÖZÜŇ GUDRATYNY AÇÝAR .......... 26**

**9-NJY BÖLÜM:ÝAŞ ÝIGIDE ILKINJI GEZEK GÜLIŇ ÝÜREGINI GÖRKEZÝÄRLER .......... 30**

**10-NJY BÖLÜM: ÝAŞ ÝIGIT ÖZÜNIŇ AŇASTY AŇYNA ERK ETMEGI ÖWRENÝÄR .......... 31**

**11-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ÝIGIT WE ONUŇ HALYPASY SANLAR WE FORMULALAR BARADA SÖHBET EDÝÄRLER .......... 34**

**12-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ÝIGIDE DURMUŞ WE BAGT BARADA GÜRRÜŇ BERÝÄRLER .......... 39**

**13-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ÝIGIT ÖZ ISLEGLERINI TASA GETIRMEGI ÖWRENÝÄR .......... 44**

**14-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ÝIGIT ÖZI ÜÇIN GÜLLI BAGYŇ SYRYNY AÇÝAR .......... 46**

**15-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ÝIGIT WE GOJA HER HAÝSY ÖZ ÝOLARY BILEN GIDÝÄRLER .......... 54**

**SÖZSOŇY .......... 56**

# 1-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ADAM ÖZÜNIŇ BARLY GARYNDAŞYNYŇ ÝANYNA MASLAHAT SORAMAK ÜÇIN GELÝÄR

Diýseň baýasy gelýän zehinli bir ýaş adam bolupdyr. Elbetde, şol wagta çenli, muny gizläp dyrmagyň hajaty ýok, onuň ähli synanyşyklaryndan tamasy çykmandyr we olar şowsuz tamamlanypdyr, ýöne ol özüniň bagt ýyldyzynyň dogjakdygyna çyn ýürekden ynanypdyr.

Öz işiniň ahyrsoňy şowly boljakdygyna garaşyp, biziň bu ýaş ýigidimiz ikinji derejeli reklama agentlikleriniň birinde assistent bolup işleýärdi. Bu ýerde oňa şeýle bir gowy zähmet haky tölenmänsoň, ýaş adam bu işiň özüne barha ýaramaýandygyny duýup başlady. Bu işe höwesi asla ýokdy ol dagy näme etsin!

Ýaş adam haýsydyr bir başga iş bilen meşgul bolmak barada arzuw edip başlady. Meselem, meşhur ýazyjy bolmak. Özüniň ähli pul meselelerini çözüp biljek kitaby ýazmaly we munuň üstesine-de bu iş awtora meşhurlyk getirip biljekdi. Gynansak-da, ýaş adam hakyky edebiýat nusgasyny döretmek üçin özýniň zehininiň we başarnygynyň ýetjekdigine ynamy ýokdy. Ynanaýyň, arassa boş kagyz sahypalaryna köňül boşlugyňy we ruhy garyplygyňy çyrşap oturmakda, eýsem many barmy?

Şeýlelikde, gün yzyna gün geçdi, ýyl aýlandy.Ýaş adam üçin onuň gündelik işi çydap bolmajak jeza öwrüldi. Her gün ir bilen wagtyny gazetleri okamak we öz gol aşagyndakylara gulluk hatlaryny ýazmak bilen meşgullanýan, soňra bolsa tagamlyja günortanlyk nahary garaşýan restorana tarap ýumlugýan başlygyny bolsa asla görmek islemeýärdi. Munuň üstesine-de, bu başlyk her 5 minutdan öz pikirini üýtgedip durmak we bir-birine düýbünden çapraz gelýän buýruklary bermek sungatyna ussatlarça emel edip bilýän adamdy. Eger bar iş başlik bilen bagly bolsady... Gynansak-da, ýaş adamyň daşyny olaryň işi-de ýüreklerine düşen kärdeşleri gurşap alypdy. Göwnüňe bolmasa, olaryň ählisi-de öz ykballaryna kaýyldylar we gelejek barada arzuw etmegi bes edipdiler. Olara özüňiň baş maksadyň—ähli zady äpberip, ýaziji bolmak baradaky arzuwyň barada gürrüň bermek dogrusynda pikir etmek hem mümkin däldi. Hiç kim ol sözleri dogry kabul hem etjek däldi. Ýaş adam kärdeşleriniň arasynda özüni edil nätanyş ýurda düşen ýaly we ýerli dili asla bilmeýän ýaly duýýardy.

Her duşenbe güni ol öňdäki iş hepdäni nädip geçirerkäm diýen duýgular bilen ukudan oýanýardy. Oňa iş stolunyň üstündäki kagyz üýşmegi-de, reklama agentliginiň üsti bilen öz awtoulaglaryny, çilimlerini, piwosyny... satmak isleýän müşderileri-de asla gyzykly däldi.

6 aý ozal bu ýaş ýigit işden çykmak barada arzasyny ýazypdy. Şondan bäri ol azyndan 10 gezek dagy başlygynyň otagyna jübüsi arzaly giripdi, emma ony başlygyň stolunyň üsünde goýmaga milt edip bilmedi. Mundan 3-4 ýyl ozal ol, belki-de, beýle ikirjiňlenip durmasa-da durmazdy, emma indi her gezek ony nämedir bir zat, haýsydyr bir güýç... saklaýardy,belkide, ol zat gorkaklykdyr... Ozallar ol has gujurlydy. Indi ol zatlar nirä ýok boldy?

Wagt geçýärdi, biziň ýaş ýigidimiz bolsa haýsydyr bir zada garaşýardy, üstünlik barada arzuw edýärdi, ýöne mydamalyk arzuwçyl adama öwrülip, hiç bir hereket etmeýärdi. Belki-de munuň bary

onuň durşuna bergä batanlygy sebäpli şeýle bolandyr? Belki-de, ol garrap başlandyr(sebäbi bu proses haçanda adam özüniň geçmişini görmegini bes eden pursatlary herekete gelip başlaýar)?

Dogrusyny aýtsak biziň gahrymanymyz özi bilen nämeleriň bolup geçýändigi barada hiç bir zat hem bilmeýärdi. Ine-de, ajaýyp günleriň birinde, haçanda has gussaly pursatda otyrka, ol birdenkä özüniň millioner daýysynyň bardygyny ýadyna saldy. Megerem, daýysy ýegenine gowy maslahat berer, belki-de, biraz puljagaz eçiler...

Biziň gahrymanymyzyň daýysy, mylakatly we mähirli adam, dessine öz ýegeni bilen duşuşmaga razylyk berdi, emma oňa ýeke şaý hem bermedi.

--Sen näçe ýaşyňda?—diýip, daýysy ýegeniniň iç dökmelerini diňläp bolandan soň sorady.

--Otuz iki—diyip, ýaş adam daýysynyň gepi nirä çekýändigini aňyp, çekinjeňlik bilen pişirdady.

--Gepiň gerdeşine göra aýtsak, Jon Pol Getti ilkinji millionyny 23 ýaşyna çenli gazanypdy. Mende-de seniň ýaşlaryňda eýýäm ýarym millionym bardy. Näme üçin sen şu wagta çenli pul karz berilmegini sorap gelýärsiň?

--Ýöne men eşek ýaly işleýärin, kähalatlarda hepdede 15 sagatdan hem düşýär...

--Sen, hakykatdan-da, agyr zähmet baýlyk getigýändir diýip ynanýarmyň?

--B-bilmedim, iň bolmanda maňa şeýle diýip öwredipdiler.

--Bir ýylda sen näçeräk gazanç edýärsiň? 15 müň funta bir ýetýärmi?

--Takmynan şeýleräk.

--Kimiň ýylda 150 müň gazanjy bolýan bolsa, ol senden on esse köp işleýändir öýdüp pikir edýärsiňmi? Elbetde, beýle däl. Bu asla fiziki taýdan mümkin däl: her näçe ylgasaň-da, hepdede 168 sagatdan köp wagt ýok.—diýip, daýysy aýdypdyr.—Diýmek, eger kimdir biri senden on esse köp gazanç edýän bolsa, özem şunda senden on esse köp hem işlemeýän bolsa, onda seniň ýaly däl-de, düýbünden başgaça hereket edýän bolmaly. Onda seniň pikir hem etmeýän zadyň-- haýsydyr bir syr bolmaly, şeýle dälmi?

--Megerem, şeýle bolsa gerek.

--Gowy ýeri sen muňa ahyrsoňy düşündiň.Adatça adamlar şuňa-da düşünmeýärler. Olar gündelik zerurlyklar üçin gazanç etmek bilen şeýle bir meşgul welin, hatda olaryň biraz aýak çekip we özleriniň maliýe meselelerini nädip düýpli çözüp boljakdygy we näme üçin muny şu wagta çenli etmändikleri barada oýlanmaga hem wagtlary ýok.

Ýaş adama ylalaşmakdan başga çäre galmaýar. Özüniň namysjaňdygyna we arzuw-hyýallarynyň uludygyna garamazdan, ol şu wagta çenli öz ýagdaýy barada hiç-hili pikir etmändi. Mydama-da bir zatlar onuň ünsüni sowýardy.

Daýysy biraz salym dymyp oturdy, soňra bolsa ýegeniniň gözüne dikanlap seretdi. Onuň dodaklary mylakatly, ýeňiljek ýaňsyly ýylgyryş zerarly çekilipdi.

--Eşidýäňmi, men saňa nähili kömek edip boljakdygyny bilýärin. Bir adamyň ýanyna bararsyň, bir döwür ol maňa baýamaga kömek edipdi. Oňa Basym Millioner hem diýýärler. Onyň barada eşidipdiňmi?

--Ýok, ýeke gezegem däl.

--Ol hamala, dessine, edil bir gijäniň içinde diýen ýaly baýandygy barada hemmelere aýdypdy, sebäbi ol baýlyga barýan ýolyň syryny açypdy. Bu adam islendik adama şeýle çalt baýamaga kömek edip biljekdigi barada, iň bolmanda edil millioner ýaly pikir etmegi öwretmäge ýardam edip biljekdigi barada ynandyrýar. Hany, aýtsana, sen, hakykatdan-da baýamak isleýärsiňmi?

--Hawa, bu meniň iň uly islegim.

--Munuň özi ilkinji we baş şert—zerur şert bolup durýar, emma ol hem ýeterlik däl.Ýene-de nähili edilmelidigini bilmek gerek.

Ýaş adam çalaja egnini çekdi. Daýysy diwarda asylgy duran uly karta tarap öwrüldi we çeträkde ýerleşýän az ilatly kiçijik bir şäheri görkezdi.

--Ol şu ýerde ýaşaýar. Sen ol ýerde bolup görüpdiňmi?

--Hiç haçan.

--Onda näme, töwekgellik et, ol ýere git, onuň bilen duşuş, bolup biler, ol saňa öz syryny açar. Sen onuň öýüni dessine taparsyň, ol tutuş şäherçede iň owadan öýdür.

--Daýy, eger siz şol syry bilýän bolsaňyz, näme üçin ony maňa ynanmaýarsyňyz? Şonda maňa haýsydyr bir näbelli ýerlere gidip ýörmek hem gerek bolmaz.

--Onuň sebäbi, muňa meniň hukugym ýok. Basym Millioner meniň bilen öz syryny paýlaşanda, ol dessine maňa bu syr barada hiç haçan we hiç kime aýtmajakdygym barada kasam etdirdi. Ýöne ol maňa bu syry kimden eşidendigim barada islendik adama gürrüň bermäge rugsat berdi.

Ýaş adam barha artýan gyzyklanma, geň almak we bilesigelijilik bilen diňleýärdi.

--Daýy, dogrudan-da siz hiç bir zat aýdyp bilmeýärsiňizmi?

--Hiç bir zat. Meniň bar edip biljek zadym saňa teklip bermeklik.

Işi uzaga çekdirmän, onuň daýysy äpet dub stolyň çekerini açdy we ondan ýalpyldawuk ak kagyz çykardy. Galamyny eline alyp, ol gyssagly birnäçe setir hat ýazyşdyrdy, haty epledi, ony bukja saldy we ýylgyryp ony ýegenine uzatdy.

--Ine, saňa hödürnama,--diýip, ol aýtdy.—Ine-de, Basym Millioneriň salgysy. Ýöne bir zady berk belle, sen bukjany açmajakdygyňa maňa söz bermelisiň. Eger sen haty okasaň seniň bahaň gara şaýa-da degmez. Şonda sen haty okamandygyň barada jögülik etmeli bolarsyň, emma bary bir, mälim bolşy ýaly, temeni haltada saklap bolýan däldir.

Ýaş adam daýysynyň näme barada gürrüň edýändigini biljek bolup alada galypdy. Ahyrsoňy ol şeýle netijä geldi, goý, ähli zat öz ugruna gidibersin. Onuň daýysy mydama-da geň häsiýetli adam hökmünde tanalýardy. Şonuň üçin hem ýegeni ony sowallary bilen heläk edip oturmady-da, minnetdarlyk bildirip, çykyp gitdi.

## 2-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ADAM GOJA BAGBAN BILEN TANYŞ BOLÝAR

Şol gün hem biziň gahrymanymyz Basym Millioneriň ýaşaýan şäherçesine tarap ýola düşdi. Täsin, diyip ol ýolda barýarka pikire batdy, millioner garaşylmadyk myhmany kabul edermikä? Munuň üstesine-de, ol baýlygyň syryny açmaga döwtalap bolarmyka?

Baryp Basym Millioneriň öýüniň bosagasynda ýaş adam bilesigelijilikden ot alyp, saklanyp bilmedi. Daýysynyň duýdurandygyna garamazdan, ol bukjany açdy we ilkibada daýym ýalňyşandyr ýa-da üstümden gülendir öýdüp pikir etdi: bukjada sap arassa kagyz bardy!

Lapy keç bolan  ýaş adam bu zatlaryň ählisini goýbolsun edip, yzyna dolanmak isledi, emma eýýäm giçdi: garawul  gelen adamy görüpdi. Garawulyň sarsmaýan galany aňladýan ýüzünde hatda ýylgyrmagyň sähelçe-de nyşany ýokdy.

--Size näme kömek edip bilerin?—diýip, garawul guraksy sorady.

--Men Basym Millioner bilen duşuşmakçydym...

--Ol siziň bilen duşuşmagy gepleşipmidi?

--Ýok, ýöne...

--Sizde hödürnama haty barmy?—diýip, garawul soraýar.

Hat bardy, ýöne onda ýeke setir hem ýazylmandy. Uzak pikirlenip durman ýaş adam ýagdaýdan çykalga tapmak kararyna geldi we jübüsinden bukjanyň bir ujyny görkezip, ony dessine yzyna saldy. Garawuly bu ýagdaý kanagatlandyrmady.

--Haýyş edýärin, haty görkeziň.

Biziň gahrymanymyz kyn ýagdaýda galdy. "Eger men öňa daýymyň hatyny bersem, ol, megerem, meniň üstümden güljek bolýarlar diýip pikir eder, eger şeýle pikir etmese-de bary bir meni goýbermez." diýip, ol pikir etdi.

Ine, şu ýerde-de ol daýysynyň aýdan, emma özüniň düşünmedik sözlerini ýadyna saldy:"Eger sen haty okasaň, sen ony okamadyk ýaly özüňi alyp barmaly bolarsyň".

Biziň gahrymanymyza başga çykalga galmandy. Ol jübüsinden haty çykardy-da, ony garawula berdi. Ol, hamala, ony okady, emma şol pursat onuň ýüzünde hiç hili duýgy alamaty duýulmady.

--Örän gowy, girip bilersiňiz.—diýip, ol aýtdy.

Ol ýaş adamy kaşaň oýüň girelgesine alyp geldi. Gapyny birkemsiz geýnewli hyzmatkär açdy.

--Size näme gerek.—diýip, ol sorady.

--Men Basym Millioner bilen duşuşmakçydym.

--Ol häzir boş däl we sizi kabul edip bilmez. Baş üstüne, bagda garaşaýyň.

Gapy hyzmatçysy ýaş adamy esasan seýilgähe çalym edip duran, merkezinde howuz ýerleşýän bagyň girelgesine çenli ugratdy. Ýodajyklar bilen gezelenç edip we ajaýyp daragtlary synlap, ýaş adamyň gözi daşyndan seredeniňde ýaşy ýetmişden hem agan goja—gülüň uçlaryny çyrpyp ýören bagbana düşdi. Giň etekli saman şlýapa onuň ýüzüni ýapyp durdy. Baga gelen adamy görüp, bagban öz işini goýupdyr we oňa seredip ýylgyrypdyr. Onuň ýiti, şadyýan gök gözleri ýaşlyk hyjuwy bilen şöhle saçýardy.

--Sizi bu ýere näme alyp geldi.—diýip, bagnan mähirli soraýar.

--Men Basym Millioner bilen duşuşmakçydym.

-- Düşnükli. Eger gizlin bolmasa näme sebäpli?

--Bilýäňizmi näme, men...Düşünýäňizmi, men ondan maslahat soramakçydym...

--Düşnükli...

Bagban öz gülleriniň ýanyna dolanyp barmakçydy, emma birden pikirini üýtgedip, gelene ýeýle sowal bilen ýüz tutdy:

--Ýogsam-da bolsa, sizden bir bäşlik tapylmazmy?

--Bäşlik?—diýip, ýaş adam gyzaryp, ondan gaýtalap sorady.—Mende diňe...diňe 5 funt bar, ol mende bar bolan ähli pul.

--Örän gowy. Maňa şondan köp pul gerek hem däl.

Bagban bu ýaş adamdan onuň iň soňky puluny almaga mähetdeldi, emma, geň galaýmaly, şeýle ýagdaýda-da onuň daşky sypatynda nähilidir bir asyllylyk, beýan edip bolmajak özüne çekijilik bardy.

--Men höwes bilen bererdim, ýöne beýtsem, soňra mende yzyma dolanmaga pul galjak däl.—diýip, ýaş adam aýdypdyr.

--Siz näme şu gün yzyňyza dolanmakçy bolýaňyzmy?

--Ý-ýok...Has dogrusy nahili boljagyny heniz bilmeýärin.—diýip, ýaş adam has aljyrap hüňürdedi.—Men Basym Millioneri görmän yzyma dolanyp biljek däl.

--Eger şu gün size pul zerur däl bolsa, näme üçin siz ony maňa karz bermäge çekinýärsiňiz? Ertir hem olar size zerur bolmaz. Kim bilýär, belki siz ertir millioner bolarsyňyz.

Bu sözler ýaş adam üçin mantyga gabat gelmeýän ýaly göründi, emma başga bir bahanalary ol tapyp bilmedi. Ol puluny çykaryp bagbana berdi. Gojanyň ýüzi ýylgyryşdan ýagtylyp gitdi.

--Adatça adamlar bir satlar soramakdan ýaýdanýarlar, haçanda karara gelenlerinde bolsa, olara tutanýerlilik ýetmeýär. Munuň özi uly ýalňyşlykdyr.

Şol pursat bagda hyzmatkär peýda boldy.

--Ser,--diýip, ol goja uly hormat bilen ýüzlendi.—Siz maňa 5 funt berip bilmersiňizmi? Aşpez işden çykyp gidýär we doly hasaplaşmagy talap edýär, mende bolsa 5 funt ýetenok.

Bagban ýylgyrdy we jübüsine elini sokup, ondan galyň, birnäçe müň funtdan ybarat pul daňysyny çykardy—ýaş adam olaryň arasynda ýigrimi we elli funtlyk pullaryň bardygyny görüp ýetişdi. Ol bu ýere geleniň şeýle kynlyk bilen bermäge mejbur bolan 5 funtlyk puluny olardan sogrup aldyda hyzmatkärine uzatdy. Ol minnetdarlyk boldirdi, baş egdi we çaltlyk bilen hem bu ýerden gitdi.

Ýaş adam tolgundy. Nähili bihaýalyk—haçanda öz jübiň puldan doly wagty iň soňky 5 funtuňy almaklyk—bu akla syganokdy.

--Näme üçin siz menden pul soradyňyz?—diýip, ol bar güýjüni gaharyny sakllamaga sarp edip, hüňürdedi.—Olar size zerur hem däl ahyryn.

--O nähili “zerur däl”,--diýip, bagban garşy çykdy.—Serediň, mende ekeje-de 5 funtlyk pul ýokdy.---Ol bir bogy pullary gözden geçirip, düşündirmäge durdy.—Men oňa 50 funtlyk puly berip bilmezdim ahyryn, dogry dälmi?

--Aýtsaňyzlaň, näme üçin şonça puly öz ýanyňyzda göterýärsiňiz?

--Bular meniň sowalga pullarym,--diýip, bagban jogap berdi.—Men mydama-da gapjygymda 10 müň funt puly saklaýaryn. Ýöne şeýle, bir iş ýüze çakaýsa gerek bolar.

--10 müň?—diýip, ýaş adam gümmi-sümmi etdi.

Ahyrsoňunda-da, ol düşündi. Diýseň mylakatly hyzmatkär, jübüsinde bolsa ummasyz köp möçberde pul...

--Siz Basym Millioner ahyryn, şeýle dälmi?

--Häzirki wagtda şeýle.—diýip, bagban aýtdy.—Sizi görenime şat. Aýtsaňyzlaň, sizi kim bu ýere iberdi?

--Meniň daýym. Ol bir wagtlar siziň onuň bilen öz syrlaryňyzy paýlaşandygyňyz barada aýtdy. Siziň bu syry ilkinji ynanan adamyňyz meniň daýym bolmaly.

--Hawa-la, meniň ýadyma düşýär. Bu ir wagtlar bolupdy. Diýlişi ýaly, ähli zehinli adamlar kimin, ol aýratyn üýtgeşik pikirlenmegi başarýardy. Siz näme, siz näme üçin şu wagta çenli baýap bilmediňiz? Haçan-da bolsa bir wagt siz özüňize şu sowaly berip gördüňizmi?

--Umuman, ýok.

-- Ine şundan-da başlamak gerek. Eger isleseňiz, bu babatda , hut häzir açyk pikiriňizi aýdyň, men blolsa siziň pikirleriňiziň akymyny yzarlaýyn.

Ýaş adam birnäçe ýygra, şowsuz synanyşyk etdi we aljyrap dymmaly boldy.

--Gördüňizmi,--diýip Basym Millioner aýtdy.—Siz öz pikirleriňizi daşyňyzdan aýtmaga endik etmedik adam. Siziň ýaşyňyzdaky adamlaryň arasynda hakyky baý adamlar az däl. Käbirleri birwagt millioner boldular, beýlekileri indi-indi özleriniň ilkinji millionlaryny gazanyp başladylar. Ýeri gelende aýtsak, haçanda Aristotel Onassis, şol wagt onuň 26 ýaşy bardy, Günorta Amerikadan Angliýa gämi gurluşyk imperiýany döretmek arzuwy bilen gidende, onuň bank hasabynda eýýäm 350 000 funt bardy.

--26 ýaşda?—diýip, ýaş adam gaýtalap sorady.

--Hut şeýle. Ol bary-ýogy iki ýüz elliden başlapdy. Uniwersitet bilimi-de, tejribesi-de, hiç hili goldawy-da ýok... Dogrusy günortanlyk edinmeli wagt boldy,--diýip, goja öz gürrüňiniň arasyny kesdi.—Maňa ýoldaş bolasyňyzmy?

--Köp sag boluň, höwes bilen.

Basym Millioner yzyna öwrüldi we öýüne tarap ugrady. Ýaşynyň bir çene barandygyna garamazdan, ol giň ädimler bilen ädimläp ýöräp barýardy. Ýaş adam onuň yzyna düşdi. Naharhanada olara eýýäm iki adamlyk stol taýýar edilipdi.

--Baş üstüne, oturyň,--diýip, millioner myhmana adatça hojaýyn üçin stolda niýetlenilýän orny—çep gyrany görkesip aýtdy.Onuň özi sagda, ýüzüne oýulyp “Wagt puldyr” diýip ýazylan çäge sagadyň edil garşysynda ornaşdy. Hyzmatçy bir çüýşe çakyry açdy we ondan bulgurlara guýuşdyrdy.

--Siziň ilkinji millionyňyz üçin içmegi teklip edýärin,--diýip, millioner bulguryny galdyryp durşyna aýtdy.

Ol tutuş oturyşlygyň dowamynda ilkinji we iň soňky owurdyny içdi. Nahary-da ol örän çäkli iýdi, işdäli taýýarlanylan los etinden birnäçe bölejik iýdi.

--Siziň işiňiz özüňize ýaraýarmy?—diýip, millioner myhmandan sorady.

--Ýaraýarmyka diýip pikir edýärin.

--Munuň hakykatdan-da şeýledigine siziň ynamyňyz barmy? Şu wagta çenli meniň bilýän millionerlerimiň ählisi—uzak ýyllaryň dowamynda maňa şeýle bir köp millioner bilen duşuşmak miýesser hem etmedi—öz işini söýýän adamlardy. Iş olar üçin dynç alyş ýaly bir zatdy, edil güýmenje ýalydy. Şol sebäpli-da baý adamlar gaty seýrek dynç almaga gidýärler. Özüňe jeza bermek we öz halaýan zadyňy taşlap gitmek nämä gerek? Şol sebäpli-da olar işlemeklerini dowam etdirýärler, eger hatda olar ençeme million gazanan bolsalar-da şeýdýärler...Ýeri gelende bellesek, işe söýgi—bu örän möhüm zat, ýöne ol ýeterlik däl. Baýamak üçin bir syry bilmeli. Hany, aýdyň, ahyrsoňy siz şeýle syryň bardygyna ynanyp başladyňyzmy?

--Hawa.

--Örän gowy.Ilkinji ädimi siz ätlediňiz. Adatça adamlar hiç bir syryň bardygyna ynanmaýarlar. Mundan daşary-da, olar baýap boljakdygyna asla ynanmaýarlar. Olar mamladyrlar: kim üstünlik gazanjakdygyna ynanmaýan bolsa, ol gazanyp hem bilmeýär. Şeýle hereket etmek gerek: ilkibaşda öz güýjüňe ynam gerek, soňra bolsa maksadyňa ýetmek üçin çyn ýürekden yhlas gerek. Ýöne, size aýdaýyn, örän az sanly adamlar, adatça, köp adamlar meniň syrymy, eger men hatda ony ýönekeý sözler bilen düşündirsem-de, kabul edip almaga taýýar däl. Bilýäňizmi, olara näme päsgel berýär? Arzuw-hyýalyň ýeterlik dälligi.Şonuň üçin-de baýlygyň hakyky syry—dünýäde iň uly syr bolup durýar.

--Munuň özi Edgar Ponyň hekaýasyndaky hat bilen bagly waka çalym edýär,--diýip, Basym Millioner sözüni dowam etdi.—Ýadyňyza düşýärmi? Polisiýa işgärleri öýden bir haty gözleýärler, tutuş öýi agdar-düňder edýärler, emma bary bir haty tapyp bilmeýärler, çebäbi hiç kim ony gizlemändi, ol iň göze görnäýjek ýerde ýatyrdy. Bu hekaýa Emersonyň ýörelgeleriniň birine ajaýyp goşundy. Polisiýa haty hyýala getirmegiň ýetmezçiligi sebäpli tapyp bilmeýär. Ýa-da bolmasa, başgaça aýtmaly bolsa, ozaldan gelýän ýalan ynam sebäpli.Olar gözlenilýän hatyň aç-açan görünäýjek ýerde ýatyp biljekdigine garaşmaýardylar, şol sebäpli-de olar ony nazardan sypdyrypdylar.

Ýaş adam dykgat bilen, barha artýan gyzyklanma bilen ony diňleýärdi. Hiç kim we hiç wagt oňa şeýle zatlary gürrüň bermändi. Onuň çaltrak gymmatly syry bilesi gelýärdi. Ol bir zada ynanýardy, eger hatda millionerde hakykatda hiç hili syr ýok bolsa-da, bary bir ol parasatly, hatda çylşyrymly zatlary-da ýonekeý we düşnükli düşündirip bilýän gürüňçil adam.

## 3-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ADAM TÖWEKGELLIK ETMEGI WE MÜMKINÇILIKLERDEN PEÝDALANMAGY ÖWRENÝÄR

--Ynha, şeýle, indi bosa aýdyň, baylygyň syry üçin siz näçeräk tölärdiňiz?

Basym Millioneriň sowaly ýaş adamyň duýdansyz üstüni basdy.

--Eger men isläýenimde-de, meniň ýanymda ýeke şaý-da ýok,--diýip, ol dillendi.—Dogrusy, men siziň sowalyňyza jogap berip biljek däl.

--Eger siziň puluňyz bolan bolsa-dy, onda siz näçeräk tölärdiňiz?—diýip,millioner gaýtalap sorady we çaltlyk bilen öz sözleriniň üstüni ýetirdi.—Islendik sany, kelläňise gelen ilkinji sany aýdaýyň.

--Bilmedim...100 funt...

Ilkinji gezek tutuş gijäniň dowamunda Basym Millioner ýiti we arassa gülküsi bilen hahahaýlap güldi.

--Bary-ýogumy...Megerem, siz meniň syrymyň bardygyna ynanmaýan bolmasaňyz gerek, şeýle dälmi? Ýogsam siz onuň üçin has köpräk pul tölemäge taýýar bolardyňyz. Bolýa, size ýene bir puryja berýärin. Başga bir sany aýdyň. Bilip goýuň, bu oýun däl, bu örän möhüm zat.

Ýaş adam pikirlenmäge durdy. Ol ýene-de Basym Millioneriň öz üstünden gülmegini asla islemeýärdi, ýöne haýsydyr bir bolgusyz ýagdaýa-da düşmek islemeýärdi.

--Men siziň oýnuňyzy oynamaga razy,--diýip, ol ahyr seslendi.—ýşne mende, mende ýeke şaýyň hem ýokdugyny unutmaň.

--Munuň üçin azara galmaň.

--Ýöne meniň elimde pul ýok bolsa, onda meniň elim daňylgydyr.—diýip, ýaş adam gaharlanyp gürledi.

--Eý, Hudaý,--diýip, millioner dillendi.—Adamzat nesli döräli bäri, baý adamlar öz emlägini beýleki adamlaryň pullaryna daýanyp köpeldip gelýärler. Işine ezber biznesmenleriň hiç birine-de pul gazanmak üçin pul zerur bolmandy. Man nagt pullar barada gürrüň edýärin. Megerem, sizde çek kitapçasy bar bolsa gerek...

Ýaş adamyň "Ýok" diýip jogap beresi geldi. Şeýle bolaýmalymy diýsene, ýöne hut şu gün ol, muňa özi-de kän bir ähmiýet bermän, çek kitapçasyny jübüsine salypdy, onda bolsa göni 12 funt 28 pens bardy. Ýaş adam aldamaga taýýarlyk görüpdi, emma millioner onuň gözüne edil kellesindäki pikirini okan ýaly, ýiti seretdi. Edil aýylganç jenaýaty boýun alýan ýaly, ýaş adam sakawlap, şeýle diýdi:

--Hawa, men ony özz...öz ýanyma alypdym.

Buýruga boýun robot ýaly, ol mysapyrlyk bilen çek kitapçasyny çykardy. Aňynda garşylyk götkezäýmek pikiri-de aýlanyp gitdi we ol dessine körükdi. Bu adam ony gösbagçy ýaly, öz erkine maýyl edipdi. Ýöne biziň gahrymanymyz Basym Millionerden gorkanokdy. Bu adam tutuş durky bilen akgöwünlidi, ýogsam onuň özüni alyp barşy hakykatdan-da birtüýslidi.

--Örän gowy,--diýip, millioner aýtdy.—Indi siziň görşüňiz ýaly, hiç hili mesele ýok.

Millioner eline galam aldy, ony ýaş adama uzatdy.

--Aýtmak islän bahaňyzy ýazyň we çeke gol çekiň.

--Ýöne men haýsy bahany ýazmalydygy barada asla bilmeýärin.

--Bolýa. Diýeliň, 10 000 funt bolsun...

--On müň!!—diýip, ýaş adam gygyrdy.—Oýun edýäňizmi?

--Eger isleseňiz, 20 000 goýuň,--diýip, millioner hojaýynyň oýun edýändigine ýa-da dogrusyny aýdýandygyna düşünmän duran myhmana jogap berdi.

--Hatda 10 000 hem meniň üçin örän köp. Munuň üstesine-de, siz bu çek boýunça hiç zat alyp bilmersiňiz,ony serişde ýokdugy sebäpli dessine yzyna gaýtararlar, men bolsa bank menejerinden temmi alaryn. Ol menden tötänlikde aklyňdan azaşdyňmy diýip sorap biler we şunda ol mamla bolar.

--Haçanda men iň uly geleşigimi baglaşanymda, şeýle ýagdaý bolupdy. Men 100 000 funt çeke gol çekipdim, soňra bolsa şol pullary tapjak bolup, ot alyp barýan ýaly iki ýana ylgadym. Eger şol wagt şol çeke gol çekmedik bolsam, men ajaýyp bir mümkinçiligi elden giderердim.

--Munuň özi biznesde meniň ilkinji çynlakaý sapagym bolupdy,--diýip, goja öz gürrüňini dowam etdirdi.—Eger adam öz wagtyny amatly pursata garaşyp geçirse, onda ol hiç wagt hem hiç bir işi etmez. Hereket etmek üçin iň amatly wagt hut HÄZIR döredi! Tutuş bu wakadan alnan sapak şeýle: durmuşda üstünlik gazanmak üçin adam özünde indi hiç hili çykalganyň galmandygyny, özüniň diwara direlendigini duýmalydyr.Eger sen ikigöwünli bolsaň we ol ýa-da bu ýok diýip, başyňy gutarmak üçin sapalak atyp, töwekgellik etmek islemeseň, onda sen hiç bir zat edinip bilmersiň. Eger sen diwara direlen bolsaň, eger ähli ýollar we çykalgalar petiklenen bolsa, saňa diňe özüňiň içki güýçleriňiň ählisini herekete getirmekden başga çäre galmaýar. Şeýle ýagdaýda adam özgerişleriň zerurdygyny tutuş durky bilen syzýar. Ýeri onsoň, näme üçin, gadyrdan adam, ikirjiňleýärsiňiz? 10 000 funt çeke gol çekip, diwara direliň!

Ilki sanlary, soňra sözleri ýuwaşlyk bilen ýazyp, ýaş adam çeki doldyrdy, emma, haçamda oňa gol çekmeli bolanda, ol muny etmäge gurbatynyň ýokdugyna düşündi.

--Men ömrümde hiç wagt hem beýle möçberdäki çeke gol çekip görmändim.

--Eger siz millioner bolmak isleseňiz, size ilkinji ädimleri ätmek gerek. Size entek mundan has köp möçberdäki çeklere-de gol çekmek miýesser eder. Munuň özi diňe ilkinji ädimdir.

Ýöne ýaş adamyň gollary diýen etmek islemeýärdi. Sebäbi ähli zat garaşylmadyk ýagdaýda çalt bolup geçýärdi. Ynanar ýaly däl, ol öz ömründe ilkinji gezek görýän adamyna haýsydyr bir syry eşitmek üçin örän gümürtik söz bermeleriniň ýerine on müň funt çeki bermek isleýärdi.

--Sizi näme inkise goýýar, gadyrdan,--diýip, Bsym Millioner sorady.—Ýakyn wagtda bu san siziň üçin ujypsyz zat aýly bolup görner.

--Gep möçberde däl,--diýip, näme diýjegini bilmän duran myhman hüňürdedi.

--Onda näme barada?

Ol bir zatlar diýmekçidi, emma millioner omuň sözüni böldi.

--Bu ýerde sebäbiň nämededigini men bilýärin. Siz meniň syrymyň sizi millioner edip biljekdigine ynanmaýarsyňyz. Eger siz ynanýan bolsadyňyz, onda ekeje sekynt hem ikirjiňlenmezdiňiz.

Myhmany ynandyrmak üçin, has dogrusy, özüniň nukdaýnazaryny anyk beýan etmek üçin, millioner şeýle diýip sözüniň üstüne goşdy:

--Eger siz meniň syrymyň bir ýyla ýeter ýetmezden size 50 000 funt peýda getirjekdigine we munuň üçin siziň häzirkiňizden köp işlemeli bolmagjakdygyňyza, belki-de, azrak işlemeli boljakdygyňyza hakykatdan-da, doly derejede ynamyňyz bolanda, siz çeke gil çekerdiňizmi?

--Hawa, golçekerdim,--diýip, myňman razylaşdy.—Men 40 000 funt girdeji bilen galardym.

--Onda gol çekiň. Men şol puly siziň gazanyp biljekdigiňize resmi ýagdaýda kepil geçýärin.

--Siz öz kepiliňizi hat görnüşinde beýan etmäge razymy?

Millioner ýene-de hahahaýlap güldi.

--Siz maňa ýaraýarsyňyz, ýaş ýigit. Siz arkaňyzy bir zada diremek isleýärsiňiz. Orän patasatly ymtylyş. Hatda sizde ýeterlik möçberde pul bolanda-da, munuň özi siziň her bir ilkinji gabat gelen adama ynanmalydygyňyzy aňlatmaýar.

Goja ýerinden turdy, stoluň çekeriniň ýanyna bardy we ondan taýýar blankany çykardy. Megerem, ol şeýle ýagdaýlarda mydama olardan peýdalalanan bolsa gerek. Ýaş adama bu ýagdaý asla ýaramady. Dogrudan-da bu adam öz syryny köp nusgada taýýarlap, islendik adama—Toma, Dike ýa-da Garra satmaga taýýarmyka?

Millioner kepil hatyny ýazdy we ony ýaş adama berdi. Ol çaltlyk bilen haty gözden geçirdi we onda ýazylan sözlerden razy boldy. Ýöne şol pursat goja biordenkä başga karara geldi.

--Ýene-de bir pikir bar,--diýip, ol aýtdy.—Bije atylsa nähili görýärsiň?

Ol jübüsinden şaslyk çykardy-da, ony aýasynda bökdürip başlady.

--Şaýlygy zyňýarys. Eger men utulsam, jübimdäki 10 000 funty size berýärin. Eger siz utdursaňyz, onda çeke gol çekýärsiňiz. Şeýle ýagdaýda kepil haty baradaky gürrüňi unutýarys.

Ýaş adam biraz pikire çümdi. Teklip asla adaty teklip däldi. Umuman, ideýa erbet hem däl, diýip, ol pikir etdi. Haýran galaýmaly, goja näme üçin muny teklip edýärkä. Belki, bu ýerde haýsydyr bir hile bar bolaýmasyn.

--Şu ýerde ýekeje päsgelçilik bar,--diýip, myhman aýtdy.—Oazal hem belleýşim ýaly meniň hasabymda hiç zat ýok. Eger hatda men size çek beräýenimde-de, siz ol boýunça meniň hasabymda bar bolan puldan köp zat alyp bilmersiňiz.

--Hiç hili mesele ýok,--diýip, millioner aýtdy,--Men hiç ýere howlukmaýaryn. Men indiki duşuşygymyza-da garaşyp biljek. Geliň şeýle gepleşeli: göni ýene bir ýyldan duşuşýarys, siz razymy?

--Men rasy. Bije atyşarys.

Bir ýylyň dowamynda bankyňy çalşyp bolar, hasbyňy ýapyp bolar ýa-da iň bolmanda banka bolan zatlar barada habar berip bolar we çek boýunça tölegi tyogtadyp bolar. Bu babatda ozal hem çaklasa bolardy, diýmek ýitirilýän zat ýok. Indi bolsa ol hiç bir alada etmezden on müň funt utup hem biljek.

Bildirmejek bolsa-da, ýaş adamyň ýüzünde özüne göwniýetijilikli ýylgyryş peýda bolup gitdi. Biraz utanjygady-da, ol, belki, Basym Millioner muny duýan däldir diýip ynam etdi. Gynansa-da, goja örän duýgur adamdy.

--Ýene bir şert bar,--diýip, millioner aýtdy.—Eger siz utulsaňyz, onda maňa çeki tölejekdigiňiz barada hakyky söz bermelisiňiz.

Ýaş adamyň ýüzi gyzaryp gitdi. Bu goja tilki ýaly mekir diýip, ol oýlandy. Megerem, ol adamlaryň pikirini açyk kitapdaky ýaly okamagy başarýar. Ýöne ol islese islemese-de razylaşmaly boldy. Millioner şaýlygy ýokary zyňmaga taýýarlanan wagty, birden myhman ony saklady.

--Men şaýlygy gözden grçirip bilerinmi?—diýip sorady. Millioner ýylgyrdy.

--Näme diýseňem, gadyrdan, siz maňa ýaraýarsyňyz. Siz ätiýaçly adam, bu bolsa size ençeme ýalňyşlyklardan sowlup geçmäge ýardam eder. Ýöne bilip goýuň, aýrtyn hüşgär bolan bolup, ençeme ajaýyp mümkinçilikleri elden gideräýmeli däl.

Millioner şaýlygy mayghmana uzatdy, ol ýaşluguň iki tarapyny-da ymykly ünsden geçirdi.

--Reşka,--diýip, ol ahyr dillendi.

Millioner şaýlygy ýokary zyňdy. Ýaş adamyň ýüregi ilkinji söýgi duşuşygyndaky ýaly gürrsüldäp urdy. Onuň ömründe ilkinji gezek köp mukdarda pul utmaga mümkinçilik döredi. Şaýlygyň howada aýlanyşyna ol tolgunma bilen seredýärdi.Ynha-da ol stoluň üstüne gaçyp, tigirlenip gitdi we ahirsoňy saklandy.

--Bürgüt!—diýip, millioner şatlykly yglan etdi, dessine-de şeýle diýip, sözüniň üstüne goşdy:--Men gaty gynanýan...

Ýaş adam çeke gol çekmeli boldy. Onuň eli çala titreýärdi. Belki-de, haçan-da bolsa bir wagt ol, hakykatdan-da, uly möçberdäki çeklere gol çekmäge endik hem eder, emma häzirlikçe ol özüni örän oňaýsyz ýagdaýda duýýardy. Millioner çeki ünsli gözden geçirdi, ony iki epledi-de jübüsine saldy.

--Indi men siziň syryňyzy bilip bilerinmi?—diýip, ýaş adam sorady.

--Elbetde,--diýip, millioner jogap berdi.—Sizde bir list kagyz tapylmazmy? Men iň gowusy ony ýazaýyn, şeýtsem siz ony unutmasaňyz gerek.

Ýaş adamyň demi tutuldy. Millioner öz syryny—on müň funt berlip satyn alnan syry ýekeje list kagyza ýazmak isleýär.

--Bagyşlaň, mende kagyz ýok,--diýip, myhman ahyrsoňy seselendi.

Ine, şu ýerde-de millioner şeýle söz diýdi welin, ýaş adamyň ýüregi jigläp gitdi.

--Ýogsa-da, sizde hödürnama haty bolmaly. Siziň daýyňyzyň meniň ýanyma iberýän adamlarynyň ählisiniň ýanynda hödürnama hatlary bardy.

Ýaş adam jübüsindan daýysynyň beren hatyny çykardy we çekinjeňlik bilen ony Basym Millionere uzatdy. Ol ünsli hojaýynyň ýüz keşbini synlady,emma ol bukgada arassa karyz listini görüp, geň hem galmadyk ýalydy. Millioner eline galam aldy, oturgyja geçip otyrdy we haty ýazmaga başlan ýaly etdi-de, birden kellesini galdyrdy we myhmana hyzmatçyny çagyryp gelmegi haýyş etdi.

--Siz ony aşhanadan, däliziň iň çet künjeginden taparsyňyz.—diýip, hojaýyn düşündirdi.

Haçanda ýaş adam hyzmatçynyň ugratmagynda bu ýere gelende, millioner, eýýäm, bukjany ýelimläp durdy. Ol ýylgyrýardy we özünden gaty göwnihoş görünýärdi.

--Biziň myňmanymyz bu gün bizde galar,--diýip, ol hyzmatça ýüzlenip aýtdy.—Gaýrat ediň, ony myhmanlar üçin otagda ýerleşdiriň.—Soňra ýaş adama tarap öwrülip, şeýle diýdi:--Ynha-da, syr.

Millioner bukjany saklap duran elini edil öz ömründe örän möhüm geleşigi edil şol pursat baglaşan ýaly dabaraly galgatdy.

--Men sizden bir zady haýyş etjek. Bukjany otagda bir özüňiz ýeke galýançaňyz açmaň...Biý, ýogsa-da, ýene bir şert. Meniň ýazan zatlarymy okamazdan ozal, maňa, haçanda baýanyňyzda, beýlekiler, biraz kembagalrak adamlar bilen bu syry paýlaşmaga öz ömrüňiziň bir bölegini sarp etjekdigiňize söz beriň. Eger siz razy bolsaňyz, onda hut menden meniň syrymy bilen iň soňky adam bolarsyňyz. Şonda meniň işim tamamlanar, men bolsa özümi meniň häzirki bagymdan has ulurak bagdaky güllere ideg etmäge doly bagyşlap bilerin.

--Eger siz syryňyzy paýlaşmaga taýýar däl diýip hasap etseňiz, onda size şindem oýlanmaga wagt bar, ýöne bu ýagdaýda siz bukjada näme ýazylandygyny bilmersiňiz, men bolsa siziň çekiňizi yzyna bererin. Öýüňize gaýdyp baryň we şu wagta çenli ýaşaýşyňyz ýaly ýaşamagyňyzy dowam etdiriberiň.—diýip, ol sözüni tamamalady.

Şol wagta çenli ýaş adamyň bilesigel;ijiligi şeýle derejä ýetipdi welin, ol hatda yza çekilmek barada pikir hem edip biljek däldi.

--Men razy.—diýip, ol aýtdy.

# 4-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ADAM BENDILIGE DUÇAR BOLÝAR

Ynha-da biziň ýaş adamymyz şeýle bir owadan bezelen, myhmanlar üçin niýetlenen otagda ýeke özi galdy. Öýüň bezegini synlap, ol gymmatly hatyň bardygyny-da unutdy. Ýerden örän ýokarda ýerleşýän ýekeje penjire seýilgähe bakyp durdy. Şol ýerden bag hem görnüp durdy. Şol bagda biziň gahrymanymyz ilkinji gezek gülleri milaýym söügi yhlas bilen ideg edip ýören goja millionere gabat gelipdi.

Sabyr-kanagatsyzlukdan ot alyp, ýaş adam gymmatly syrly bukjany eline alanda daş-töwerege tutuksy ýagtylyk saçyp, doly aý dogupdy. Köp ýyllaryň dowamynda baýlyk onuň üçin ýedi gulpyň aşagyndaky syr bolup galypdy we ynha indi mukaddes açar onuň elindedi.

Ol bukjany açdy, içindäki hatyň gatlaryny ýazyşdyrdy we ak, sap arassa kagyza aljyraňňylyk bilen seretdi. Ol gyssagly kagyzyň arka ýüzüne seretdi. Hiç zat ýok. Iki tarapda-da ýekeje-de belgi ýok. Goja samsyk adam ýaly ony aldap urupdy. Hiç hili ýok syr üçin şeýle uly mşçberdäki çeke gol çekmek!

Ýöne goja diýseň halal adama çalym edýärdi. Biraz ägä blunmaly eken, ýöne ýere hakyky halal adamlar hiç wagt hem baý bolmaýarlar diýip ýöne ýere aýdylmaýan bolsa gerek. Näme-de bolsa bu sözlerde belli bir hakykat, magaram, bar bolsa gerek. Belki-de mende hiç hili işewürlik duýgusy ýok, şonuň üçin-de çeşşege şeýle ýeňillik bilen düşendirin diýip ýaş adam pikir etdi.

Ýaş adam gaharyny saklap bilmän haty bölek-bölek etdi we onuň böleklerini galyň ýumşajyk halynyň üsüne seçip goýberdi. Ýekeje duýgy oňa kanagatlanma berýärdi, onuň howul-hara hereketinden hiç kim zeper çekjek däldi, başgaça bolanda onuň durmuşy ähli manysyny ýitirjekdi.

Indi näme etmeli? Bolup geçýän zatlaryň ähli̇si onuň üçin hakyky zatlar däl ýalydy. Ol ýagdaýdan ýekeje çykalgany görýärdi—gaçmalydy. Bu ýerden mümkin boldugyndan çaltrak gaçyp gitmeli. Belki-de bu ýerde haýsydyr bir howp gizlenip ýatandyr. Oýlanyp oturmaga wagt ýokdy, ýaş adam bu geň-taň mülkde ýene bir gije asla galmak islemeýärdi.

Ýuwaşlyk bilen, barmagynyň ujunda ýöräp, ol gapa golaýlaşdy we hüşgärlik bilen tutawajy çekdi. Nälet siňmiş! Gapy daşyndan ýapylgydy. Ol çatak ýagdaýa düşüpdi. Ýaş adam penjirä tarap okduryldy. Ol ýeňillik bilen açyldy, emma ýere çenli azyndan otuz fut dagy bardy. Megerem, böküýseň boýnuňy omursaň gerek. Nähili bu ýerden çykmaly? Ýeke täk çykalga hyzmatçyny çagyrmak galypdy. Duýdansiz bu ýerden gitmek indi başartmasa gerek.

Ýaş adam çagyryjy jaňy basdy, emma hyzmatçy gelmedi. Ol ýene bir gezek çagyrdy. Hiç kim habar almady.

Öýde gum-guklykdy. Megerem, hemmeler ukuda bolsa gerek. Belki-de jaň işleýän däldir. Diýmek, gygyrmak gerek. Ýöne ýaş adam gygrmaga ýürek edip bilmedi. Eger ähli delilleriň tersine, millioner hakykatdan-da dogeruçyllyk eden bolsa näme? Hiç bir esassyz daş-töwweregi özüňiň gykylygyň bilen oýaryp bolmaz ahyryn.

Ahyrsoňy biziň gahrymanymyz ukusyny almagy ýüregine düwdi, emma hiç uklap bilmedi: gözüniň alnynda öten güniň wakalary janlanýardy. Ol islendik delili tapmaga çalyşdy, emma olaryň bary-da bolup geçýän zatlaryň düýbünden akla sygmajak zatdygy baradaky barha berkeýän duýga urlup çym pytrak bolýardy. Ak kagyz listi! Bir list ak kagyz üçin on müň funt! Ahyrsoňy gözüne uky geldi, ýňne ol hem ýeňillik döretmedi. Ýaş adamyň düýşüne tutuş gelejekki durmuşy bagly bolup duran aýratyn möhüm galyň resminama dessine gol çekmegi talap edýän nätanyş bir adam girdi, emma biziň gahrymanymyz oňa aýgytly garşylyk görkezýärdi, sebäbi resminama hakyky arassa ak listlerden ybarat bir bogy kagyz üýşmegidi...

# 5-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ADAM YNANMAGY ÖWRENÝÄR

Basym Millioner naharhjanada arkaýyn otyrdy. Onuň egninde bagbanyň arassa, emma biraz könelişen şol ozalky geýen eşigi bardy. Giň etekli uly şlýapa onuň öňünde stoluň üstünde ýatyrdy. Eger ol samandan edilmedik bolsady, onda ony jadygöýüň şlýapasy hasap etse-de bolardy. Millioner şaýlygy ýokary zyňyp gapyp,  ony sanap otyrdy. Ol sekize çenli sanady.

--Dokuz,--diýip ol şaýlykdan gözüni aýyrman hüňürdedi.—On.

“Onbire” derek ol:--Ýa, bolmady,--diýip, içini çekdi.

Ol şaýlygy aýasyna gysdy we başyny galdyrdy.

--Onbire ýetmek aňsat başardanok,--diýip, ol aýtdy.—Her gezek şol bir zyňyşymy gaýtalaýaryn, barybir on bürgütden soň bir reşka düşýär.

Ýaş adamy ýyldyrym uran ýaly boldy. Ol özüniň iki gezek aldanandygyna düşündi. Ol bürgüdi alsa-da, reşkany alsa-da bary bir utup biljek däl eken.

--Meniň kakam gözbagçydy. Ol, meselem, on bäşden aşak almazdy,--diýip, millioner düşündirdi.—Men onuň zehinini miras almandyryn.

Ýaş adam millionerden şaýlygy haýyş edip aldy we ony ýokary zyňdy. Bürgüt. Reşka. Bürgüt. Reşka. Ol adaty şaýlykdy, belki onda göze ilmeýän bir gizlin mehanim bardyr.

--Biziň oýnumyzda hiç hili galplyk edilmedi,--diýip, millioner nygtady.—Men diňe pullar bilen iş salyşmagyň ussatlygyny görkezdim. Ýeri gelende bellesek, şeýle netijä gelen ýeke siz däl. Adamlar köplenç ussatlygy eli egrilik hasap edýärler.

Ýaş adam näme diýip jogap berjegini bilmedi. Diňe şu ýerde ol bu ýere näme üçin gelenini ýada saldy. Ol kagyzy galgatdy-da, ony stolyň üstüne zyňyp goýberdi.

--Siz meni ussatlarça aldadyňyz, ser. Siz ýeňil gazanç etdiňiz—10 000 funty haýsydyr bir boş kagyz üçin tölemek!

--Ol boş kagyz däl, eýsem baýlygyň syry,--diýip, millioner arkaýyn özüni alyp barşyna garşy çykdy.

--Haýyş edýärin, düşündiriň. Siz meni samsyk adam hasap edýärsiňizmi?

--Samsyk hasap edýän? Asla beýle däl. Size ýönekeý duýgurlyk ýetmeýär, ýöne bu kadaly ýagdaýdyr. Siziň aňyňyz heniz has ýaş we kämilleşmedik.

--Belki şeýledir, ýöne näme-de bolsa, eger meniň arassa kagyz listi görsem, ony saýgaryp bilmäge, şeýle-de siziň meni aldap urandygyňyza göz ýetirmäge ýagdaýym bar, ser.

--Siziň ýene näme isleýändigiňize men düşünip bilmeýärin. Men size hut şu arassa kagyz list bilen örän baýap biljekdigiňize söz berdim. Bir döwür hut meniň özüm hem şeýle ýagdaýda millioner boldum. Bu şeýle bolupdy...ýögsa-da, biziň wagtymyz az, meniň güllerim maňa garaşýarlar, geliň iň gowusy men size kömek edeýin. Meni ünsli diňkäň, sebäbi bir döwür geler, siz bu syry başgalar bilen paýlaşmaly bolarsyňyz. Haçanda siz garyplyk zynjyryndan boşanyňyzda, siz şindem elleri bagly adamlara ýol görkezmäge borçlusyňyz. Men sizden maňa edil düýn beren sözüňizi täzeden gaýtalamagyňyzy haýyş edip bilerinmi?

Hawa, bu täsin adam ynandyrmak sungatynda özüne taý tapmaýan bolsa gerek. Mundan 5 minut ozal ýaş adam bu gojanyň mazaly suwuna degmäge taýýardy, indi bolsa ol , eldeki owlajyk ýaly onuň elinden iým almaga boýun bolupdy.

Hatda gojanyň diýenlerini etmezlik onuň kellesine-de gelmedi, ol dabaraly kasamy täzeden gaýtalady. Goja ýylgyrdy. Şunuň ýaly ýylgyryş edil dek düýn, haçanda goja bagyň içi bilen ýöräp gelýän bu ýaş adamy ilkinji gezek görende peýda bolupdy.

--Siz syry özbaşdak açyp bilmediňiz, şol sebäpli-de men ony düşündirmek bilen meşgullanmaga mejbur boldum.Ýene bir gezek duýdurýaryn, hakykat bolardan meniň syrym has ýönekeý ýaly bolup görünmegi mümkin. Sadalayga özüňizi aldadaýmaň. Eger müňkür bolup başlasaňyz, onda Mosarty ýada salyň: ähli genial zatlar ýönekeýdir. Siz entek ýaş, şonuň üçin-de ilkibaşda siz hökman müňkür bolarsyňyz. Soňra, wagtyň geçmegi bilen garaşylmadyk ýagdaýda baýlyk size akyp başlanda, siz düşünip başlarsyňyz.

--Siziň bilen açykdan-açyk gürleşmekçi,--diýip, ýaş adam dillendi.—Meniň iň esasy ynma edýän zadym-da—düşünişmek.

--Has gowy. Ynamyň yzy bilen hakyky düşünişmek gelýär. Haçan-da syry ele salanyňyzda, oňa näme üçin ynanýandygyňyza düşünersiňiz. Ýöne ilkibaşda, onuň ýönekeýdigine garamazdan, bu syr oňa düşünmejek we hatda ynanyp bilmejek ýaly şeýle bir täsin ýaly görüner hem. Men sizden diňe ynama garaşýaryn. Munuň özi hiç bir zada ynanmaýan adamyň Hudaýa ynanmaga synanyşy ýaly bir

zatdyr. Eger Hudaý bar bolsa, onda ynam etmek bilen siz ähli zada eýe bolýarsyňyz; eger ýok bolsa, onda siz hiç bir zat ýitirmeýärsiňiz. Meniň syrym hem şunuň ýalydyr.

## 6-NJY BÖLÜM: ÝAŞ ADAM MAKSATDA ÜNSÜNI JEMLEMEGI ÖWRENÝÄR

--Kelläňize gelýän islendik sowaly maňa berip bilersiňiz,--diýip, millioner aýtdy.—Men olara uly höwes bilen jogap bererin. Tiz wagtdan sizde şeýle mümkinçilik bolmaz, sebäbi biziň duşuşyk möhletimiziň wagty çäkli, şonuň zçin-de soraberiň. Ine size galam. Sizde kagyz barmy?

--Ynha.

--Siz hakykatdan-da baýamak isleýärsiňizmi?

--Elbetde.

--Onda gowy.Siz näçeräk pul edinmekçi bolýandygyňyzy, şeýle-de bu möçberdäki puly gazanmak üçin özüňize näçeräk wagtyň gerek boljakdygyny ýazyň. Munuň özü-de baý bolmagyň syrydyr.

Ýaş adam Basym Millioner ýene-de özüniň uguny ýekeleýändir öýdüp pikir etdi.

--Şu sanlary ýazan dessime pullar asmandan meniň üstüme ýagyp başlar diýip pikir edýärsiňizmi?

--Hut şeýle,--diýip, millioner tutanýerly aýtdy.—Siziň biynjalyksyzlanmagyňyz meni geň galdyrmaýar. Men ozal hem syryň örän ýönekeýdigi barada duýdurypdym. Maňa geň galyjylyk bilen seredip durmagyň zerurlygy ýok. Düşündirmäge başlamazymdan ozal maňa bir zat barada aýtmaga puryja beriň. Meniň gabat gelen millionerlerimiň ählisi-de, haçanda öz öňňlerinde belli bir möçberdäki puly belli bir möhletde gazanmak babatda maksat goýan pursatlaryndan başlap hem baýap gidendikleri barada gürrüň berdiler.

--Bagyşlaň, ýöne men düşünmeýärin. Meniň puluň möçberini we möhletini ýazanymdan näme peýda bar?

--Eger siz nirä barýanyňyzy bilmeseňiz, hiç ýere-de ýetip bilmersiňiz.

--Belki-de, bu zatlaryň ählisi-de, meniň göwnüme bolmasa haýsydyr bir gözbagçylyga çalym edýän ýaly.

--Ol hut şeýle-de—mukdarly maksadyň syrly gadygöýlügi. Geliň, meselä başgaça seredeliň. Siz özüňizi iş gözleýän adam diýip göz öňüne getiriň. Siz arza berdiňiz, söhbetdeşlikden geçdiňiz we belli bir wagt geçenden soň size adyňyzyň dalaşgärleriň sanawyna goşulandgyny habar berýärler. Ýene-de

biraz wagtdan soň siziň kandidaturaňyzyň makullanylandygyny habar berýärler, siz işe kabul edildiňiz we köp pul gazanyp başlarsyňyz. Muňa siziň garaýşyňyz nähili bolar? Ilkibaşda siz özüňize guwanarsyňyz. Eýsem näme, sizi onlarça ýa-da belki-de ýüzlerçe dalaşgärleriň arasyndan saýlap aldylar.Mundan ozal siz, göz öňüne getirip görüň, tutuş üç aýyň dowamunda işsiz oturdyňyz, ýa-da, diýeliň, siziň işiňiz bar, ýöne siziň häzirki wezipäňizden siz baryp bir ýyl ozal ösüp kemele geldiňiz, şonda siz özüňiziň işiňiziň şowly bolandygyna müňkür bolmaýarsyňyz. Ýöne eýforiýa geçip gidýär we şonda siziň hereketleriňiz nähili bolar?

--Ilki bilen, men haçan işe başlamalydygymy bilerin. Soňra, "köp pul" diýen sözüň anyk nämäni aňladýandygyny bilmek islärdim. Dünýäde ähli zatlaryň gytaklaýyndygy sebäpli, men iş hakymyň, sylag tölegleriniň we beýleki ýeňillikleriň anyk möçberini bilmäge çalşardym.

--Siz, ýaş ýigit, meniň pikirimi gaýtalaýarsyňyz. Eger siz öz başlygyňyzdan "köp puluň" nämäni aňladýandygyny sorasaňyz, ol bolsa sizi hakykatda-da örän köp pul aljakdygyňyzy ynandyryň başlasa, megerem, siziň onuň bilen iş salşasyňyz gelmese gerek? Munuň üstesine-de, siz oňa halal işlemeýänlikde müňkzür bolup başlarsyňyz. Eger ol aýlyk zähmet hakynyň möçberini aýtmak islemeýän bolsa, onda, belki-de, zähmet haky şeýle bir köp hem däldir ýa-da bu ýerde haýsy-da bolsa bir pyrryldak ýatan bolmaly. Şonuň ýaly-da, eger ol size işe başlamagyň anyk wagtyny aýtmasa, bu size asla ýaramasa gerek, şeýle dälmi?

--Elbetde,--diýip, ýaş ýigit gojanyň delilleriniň hiç birinde ekeje-de nogsanlyk tapman razylaşdy.

--Eger siziň berk talap edýändigiňize garamazdan, szi näme-de bolsa anyk jogap alyp bilmeseňiz, şonda siz näme ederdiňiz? Ýeňsäňizi öwrüp, başga bir iş gözlemäge ötägiderdiňiz—şonda siz hakyky mamla bolardyňyz.

--Hut şeýle. Bu iş hödürleýän ädäm ýa meni gul etmek isleýär, ýa-da ol adaty kezzap. Näme-de bolsa, maňa bu işi çalyşmagyň zerurdygyny boýun almaga mejbur eder.

Millioner Sokrat ýaly öz şägirtleri bilen aýratyn jedelden soň lezzet alýan deýin göwnühoşdy. Ol bir minutlap dymdy, onuň dodaklry birazajyk ýasamalyk bilen çekildi, emma hoşniýetli ýylgyrdy.

--Edil şu wagt siz göz öňüne getirilýän iş berijiden anyk delilleri talap etdiňiz gerek? Size köp tölenjekdigini bilmek doly ýeterlik däl, eýsem näçeräk tölenjekdigi has möhüm. Siziň işe alnandygyňyz baradaky habary ýöne tassyklamak ýeterlik däl. Mundan beýläk size haýsy günden işe başlaýandygyňyzy bilmek möhüm. Munuň üstesine-de siz şol şertleriň ählisiniň hat görnüşinde, şertnama ýa-da ähtnama görnýşinde beýan edilmegini islärsiňiz, bu has ynamlyrak bolýar. Elbetde, belki-de ekeje söz hem ýeterlikdir, ýöne aýdylan sözi delil edip bolanok, ýazylany-- bolýar. Biziň durmuşymyzda-da ähli zat şeýle bolup geçýär. Adamlaryň köpüsi, iň bolmanda işi şowsuz bolýan adamlaryň tas ählisi diýen ýaly, hatda durmuşyň biziň nämäni sorasak, şony-da berýandigini göz öňüne-de getirip bilmeýärler. Nämedigi anyk däl zady soraýarsyň, namedigi belli däl zady-da alýarsyň. Azrak soraýarsyň, azrak hem alýarsyň. Eger durmuş saha ujypsyz zat berýän bolsa, geň galyp oturma, ahyrsoňunda şol hem hut seniň soran zadyňdyr.

Ýaş ýigidiň diňleýändigine göz ýetirip, goja millioner sözüni dowam etdi:

--Öz talaplaryňy dogry kesgitlemegi başarmak gerek. Ilki bilen, olar örän anyk we takyk bolmalydyrlar. Eger gürrüň pul barada barýan bolsa, onda onuň möçberini we ony edinmegiň soňky möhletini kesgitlemek gerek. Adamlar adatça näme edýärler? Hatda eger olara pul hakykatdan-da örän zerur bolsa-da, şol bir ýalhyşlyklary goýberýärler. Subutnama hökmünde islendik adamdan ýöne onuň üstümizdäki ýylda näçeräk pul gazanmak isleýändigini soraý we pikirlenmezdendessine jogap bermegini talap et. Eger ol adam üstünlik gazanmagyň ýoluna düşen bolsa, eger ol dogrudanda nirä barýanyny bilýän bolsa, özem şunda size bu babatda size habar bermäge onuň islegi bolsa, ol dessine size jogap berip biler. Ýöne adamlaryň ondan dokuzysy ýüz ugra şeýle ýönekeý sowala jogap berip bilmeýärler. Munuň özi iň giň ýaýran ýalňyşlyklaryň biridir. Durmuş siziň ondan nämä garaşýandygyňyzy bilmek isleýär. Eger hiç zat barada soramasaňyz, hiç zat hem alyp bilmersiňiz.

--Indi bolsa şol sowaly özüňize beriň,--diýip, goja sözüni dowam etdi.—Siz baýamak isleýändigiňizi aýtdyňyz.

--Bu hakykat.

--Üstümizdäki ýylda siz näçeräk gazanç etmek isleýärsiňiz?

Ýaş ýigit ýeke agyz hem söz aýdyp bilmeýändigini duýdy. Ol goja millioneriň delilleri bilen doly ylalaşýardy, ýöne baýamak isleýän, emme bu sözüň näçeräk möçberde aňladylmalydygyny anyk aýdyp bilmeýän köp sanly adamlara özüniň hem degişlidigine düşünýärdi. Halys aljyrap, onuň ýüzi doly gyzardy.

--Men bilýän däldirin,--diýip, ol zordan gürledi.—Men özümiň esasy ýalňyşyma düşündim.

--Ol Örän çynlakaý ýalňyşlyk. Ýeri näme, geliň ony düzetmäge çalşalyň. Pikir edýän möçberiňizi ýazaýyň.

--Mende bu babatda hiç hili hyýala getirme ýok,--diýip, ýaş ýigit hüňürdedi.

--Ýöne bu örän ýönekeý ahyryn. Bolýar, onda şeýele edeliň. Size bir minut oýlanmaga puryja berýärin. Haçan-da şol wagt geçendem soň siz, diýeliň, şu günden başlap, bir ýylyň dowamynda gazanmak isleýän pul möçberiňizi hökman ýazmalysyňyz. Çaltrak pikirleniň, wagt gigdip barýar.

Şol sözlerden soň goja öz öňünde stoluň üstünde durab çäge sagady ters tarapyna öwürdi.

Ýaş ýigide öz ömründe heniz şeýle ezýetli pikire çümmek miýesser etmändi. Bu oýun asla ýönekeý hem däldi. Onuň kellesinde dürli sanlar aýlanýardy, olaryp biri beýlekisinden manusyzdy, wagt bolsa gigdip barýardy. Ynha-da sagadyň iň soňky çägejikleri akyp gutardy, ol bolsa hiç bir zady pikirlenip ýetişmedi.

--Wagt tamamalandy,--diýip, çägniň akyşyndan ýekeje pursat hem gözüni aýyrmadyk goja aýtdy.—Öz möçberiňizi aýdyň.

Ýaş ýigit has amal edilip biliniläýjek sany ýazdy. Titgeýäm barmaklary kynlyk bilen sanlary çyrşady.

--Otuz müň!—diýip, milliioner aýtdy.—Bu örän az, men üç ýüz müň dagy ýazardm. Ýöne başda bu bolýar. Basym millioner bolmak üçin siz kän işlemeli bolarsyňyz. Ýöne görersiňiz, bu iş, göräýmäge, biziň durmuşymazda iň bir çynlakaý işdigine garamazdan, şeýle bir agyr hem däldir. Şunda siziň näme bilen meşgullanýandygyňyz möhüm hem däldir. Munuň özi özüň üçin işlemek diýlip atlandyrylýar.

## 7-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ÝIGIT ÖZÜNIŇ "MENINIŇ" KEŞBINIŇ GYMMATY BARADA BILÝÄR

Naharhana hyzmatçy kofe we bulkajyklary alyp geldi. Ýaş ýigit ir ertirden bäri hiç zat iýmändi, başyndan geçiren tolgunmalary bolsa onuň işdäsini has açypdy. Ol iýmäge başlady, sapak bolsa şonda-da dowam edýärdi.

--Oýlanýan pursatlaryňyz siziň bilen bolup geçen zatlary düşündirmek üçin men size birnäçe soäal bermekçi,--diýip, Basym Millioner aýtdy.—Şol minutyň siziň üçin öran gysga bolan bosa gerek, şeýle dälmi?

--Elbetde.

--Bolup geçen ýagdaýdan ilkinji gelip çykýan netije şeýle: şu bölejik kagyza siziň ýazan sanyňyz siziň göz öňünde tutan sanyňysdan hem esli agdykl;yk edýän bolsa gerek. Bu san iň soňky şaýlyklaryna çenli anykdan anyk siziň mynasyp bahaňyzy kesgitleýär, elbetde, siziň özüňizi öz göz öňüne getirişiňize görä. Öz gözüňiziň alnynda, siz meniň bilen ylalaşýaňyzmy ýa-da ýok, siziň bahaňyz bir ýylda otuz müň funt. Bir şaýlyk köp hem däl, az hem.

--Näme diýmekçi bolýandygyňyza düşünmeýärin,--diýip, ýaş ýigit nygtady.—Men bu sany saýlap aldym, diýmek men ýagdaýa görä we sagdyn pikir edýärin. Häzirki wagtda men mundan artyk nähili gazanç edip biljekdigimi göz öňüne getirip bilmeýärin. Mundan başga-da, meniň ýokary bilimim we gowy işim-de ýok, bank hasabatymda bolsa hiç zat galmady.

--Siziň pikir ýöredişiňiz dogry we hornata mynasyp, ýöne ähli mesele olaryň siziň häzirki ýagdaýyňyz bilen baglylygynda. Iş ýüzünde bolsa daşky ýagdaýlar şeýle bir ähmiýetli hem däl. Ýadyňyzda berk saklaň: siziň durmuşyňyzdaky islendik wakalar, goý, olar duýgy, durmuşy ýa-da hünär bilen bagly ugurlarda bolsun, tapawudy ýok, siziň pikirleriňiziň aýnaň ýüzüdäki ýaly sypatlanmasydyr. Gynansak-da, siziň akylyňyz entek bu hakykaty kabul etmäge taýýar däl. Ol giň

ýaýran, daşky ýagdaýlar köp derejede adamyň durmuşyny kesgutleýär diýen illýuziýa daýanýar, hakykatda bolsa, biziň durmuşymyzda ähli zat bolup geçýän zatlara biziň gatnaşyklarymyza, biziň öňde goýan maksatlarymyza esaslanýar. Durmuş biziň ony sypatlandyryşymyz ýalydyr. Siziň bilen näme bolup geçýän bolsa, olaryň ählisi siziň edýän pikir-hyýallaryňyzyň netijesidir. Diýmek, eger siz öz durmuşyňyzy özgertmekçi bosaňyz, onda pikir-hyýallaryňyzy özgertmekden başlamak gerek. Belki-de, siz bu şeýle hem däl diýip pikir edip bilersiňiz, emma, muňa garamazdan, “ýerlikle pikir edýän” adamlaryň köpüsi bu ýörelgäni kesgitli inkär edýärler.

Diňleýjisiniň ýekeje sözi-de sypdyrmaýandygyna göz ýetirip, goja çaltlyk bilen sözüniň üstüni ýetirdi.

--Uly üstünliklere eýe bolanlaryň ählisi, olaryň haýsy ugurdadygynyň ähmiýeti ýok, adatça oýlanyşykly pikirlenýän intelligentlerde ýüze çykýan inkär etmeleri mydama-da belläp geçýärler. Olar pikir alyşýarlar, ölçäp biçýärler, delilleri tapýarlar, emma haçanda gezek işe gelende ähli gürrüňler boş bolup çykýar.

--Meni intellekte garşy durýan adam diýip pikir edäýmäň,--diýip, millioner sözüni dowam etdi.—Gaýtam tersine. Üstünlik logiki pikirlenmegi başarmazdan mümkin däldir, ýöne bu hem hemmesi däl. Logiki pikirlenmek—bu siziň gurallaryňyz, siziň sadyk gullaryňyz, ol başga hiç zat däl. Ýöne olar btýik üstünliklere alyp barýan ýolda köplenç geçip bolmagak päsgelçiliklere öwrülýärler. Kim paýhasyň güýjüne ynanýan bolsa, şol hem uly üstünlikleri gazanýar. Garaşylmadyk ýagdaýlaryň öz ýoluna böwt bolmagyna hiç wagt hem ýol bermeýän bu adamlar baýlygy magnit ýaly özlerine çekýärler. Köp halatlarda beýik üstünliklere eýe bolen adamlaryň durmuşynda gabat gelen ýagdaýlar olaryň döwürdeşleriniň başlaryna büşen ýagdaýlardan hiç hili tapawutly-da däldi. Mundan başga-da, bu adamlar uly kynçylyklar bilen köp iş salyşmaly bolupdylar, ýöne müşgüllikler diňe olaryň içki gujur-gaýratyny joşdurypdy. Bu adamlaryň ählisi-de özleriniň beýik işleri etmäge ukyplydyklaryna ynanýardylar. Baýamak başardan adamlaryň ählisi-de baýlyga eýe boljakdyklaryna çyn ýürekden ynanýardylar. Ynam- ine, olaryň üstünlikleriniň esasynda ýatan zat.

--Geliň, biziň ýazgylarymyza dolanalyň,--diýip, goja sözüni jemledi.—Meniň bir sowalyma jogap beriň. Şol 30 000 funt pul, megerem, siziň kelläňize gelen ilkinji san däl bolsa gerek.

--Siz mamla, ilkinji gelen däl,--diýip, ýaş ýigit gogap berdi.

--Ilkinjisi haýsy sandy?

--Ýada salyp bilemok, meniň kellämde ençeme dürli sanlar at salyp geçipdi.

--Meselem?

--Diýeliň, 50 000.

--Näme üçin siz bu sany ýazmadyňyz?

--Bilmedim. Megerem, şol möçberdäki pul maňa asla elýeterli däl görnen bosa gerek.

--Ol siz oňa ýetip boljakdygyna ynanýançaňyz elýeterli bolman galar. Eger hasaba almaly bolsa, siz otuz müňneh başladyňyz, siziň öňüňizde örän uly işler garaşýar, millioner bolmak üçin size köp wagt gerek bolar. Indi bosa siziň öz göwnüňize ýetip biläýjek iň uly möçberdäki puli ýazyň.

Ýaş ýirit biraz pikirlenip durdy, soňra bolsa 40 000 funt puly ýazdy.

--Gutlaýaryn,--diýip, Basym millioner aýtdy.—Siz hut şu wagt birnäçe sekuntda 10 000 funt gazandyňyz. Erbet däl gerek?

--Ýöne men olary entek gazanmadym ahyryn.

--Gazandym diýip hasap edäýiň. Size öňe saýy uly ädim ätdiňiz. Haçanda siz 30 000-e derek 40 000 gazanyp biljekdigiňize ynanan pursatyňyz, siz özüňiziň Men keşbiňiziň serhetlerini giňeltdiňiz. Goý, ol uly bir böwsüş hem bolmasyn, ýöne näme bosa-da ösüş. Rim hem bir günde gurulmady ahyryn. Biziň her birimiziň içimizde şeýle Rim, syrly şäher ýatyr we ol biziň her birimiziň ony sypatlandyryşymyz ýalydyr. Özüňiziň içki şäheriňiziň möçberini özüňiz kesgitleýärsiňiz, eýsem bu täsin dälmi? Ýöne bu şäheriň bardygyny diňe az sanly adamlar bilýärler. Onuň serhetleri—“ öz Meniňiň keşbi” diýilýänidir. Haçanda siz şu kagyz liste barha köp sanlary ýazýan wagtyňyz siz özüňiziň içki şäheriňiziň serhetlerini giňeldýän mehanizmi herekete getyrýärsiňiz. Siziň içki Rimiňiz ulalyp başlaýar. Asyrlaryň dowamynda beýik akyldarlar iň geçmesi agyr päsgelçilikleriň adamyň öz öňünde özüniň goýýan päsgelçiliklerdigi barada aýdyp gelipdirler. Adamyň üstünlige barýan ýolundaky iň uly päsgelçilik onuň kellesinde-aňynda ýatandyr. Özüňiziň pikir galybyňyzy giňeldiň, şonda siz öz durmuşyňyzy hem giňeldersiňiz. Özüňiziň içki päsleçilikleriňizi partladyň, şonda siz durmuşda siziň alnyňyzda peýda bolýan päsgelçilikleri-de partladarsyňyz. Ine şonda, siziň durmuşyňyzyň şertleri ertekilerdäki ýaly özgerer. Bu hakykatdyr, men ant içýärin.

—Ýöne men özümiň pikir pasgelçiliklerim barada nädip bilip bilerin?—diýip, ýaş ýigit sorady.—Siziň aýdan zatlaryňyz hakykata laýyk gelýän ýaly, ýöne ol sözler häzirlikçe meniň üçin boş, düşnüksiz pikir.

— Men edil şu wagt size siziň aňyňyzy gaplap alan we özüňiziň Meniňiziň keşbini kesgitleýän serhetleri nähili ýüze çykarmalydygyny düşündirdim, —diýip, millioner aýtdy.—Siz olary anyk bir ululyga geçirdiňiz we olary kagyza ýazdyňyz. Täsin, siziň her biriňiziň öziňiz barada edýän pikiriňizi hakykatda kesgitlemek hähili ýeňil. Her gezek siz şu herekeleri edeniňizde, siziň ýazan sanyňyz siziň Meniňiziň hakyky keşbini açyp görkezýär. Adama onuň hakyky durmuşynda emele gelýän çäklendirmeleri bilen anykdan anyk gabat gelýän, onuň özüniň pikir çäkliligi oňa päsgel berýär. Durmuş adamyň özi tarapyndan, bilipmi ýa-da bilmän, öz öňünde goýýan päsgelçiliklerini ýeňip geçerden ejizdir. Şunda işi şowsuzlar diýilýänleriň  üstünligiň we baýlygyň şu esasy ýörelgesi babatda hiç hili düşünjä eýe däldiginde hem betbagtlyk ýatyr. Tersine, üstünlikli adamlar diňe bir ony bilmän, eýsem özleriniň Meniniň keşbiniň üstünde bar başarnygyny sarp edip işleýärler.

--Bu işe täze başlaýanlar üçin iň ýeňil usul—arassa list karyzy alyp, onda barha köpelip barýan sanlaryň hataryny ýazmak. Ýatda saklaň, eger siz baýamagy başarmaryn diýip pikir edýän bolsaňyz, onda baýap bilmersiňiz. Siziň Meniňiziň keşbi hökman baýap biljek adamy häsiyetlendirmelidir. Şu wagta çenli ýazan sanyňyzdan has köpräk sany ýazyň.

Ýaş ýigit bignäçe sekunt pikirlenip durdy. Ol özüni örän oňaýsyz dyýýardy. Kagyzda san peda boldy: 60 000.

--Myndan köpe men hatda umyt hem etmeýärin,--diýip, ol boýnuna aldy.

--Belki-de, ol siziň ynam edip biljek iň ýokary möçberiňizdir, ýöne iş ýüzünde siziň gazanyp biljek iň ýokary bahaňyz däldir. Munuň özi örän çäkli sandyr. Käbir adamlar bu möçberi bir aýda gazanyp bilýärler, beýlekiler—hepdede, üçünjileri—her gün, ýylyň her güni altmyş müňden. Myňa garamazdan, sizi gutlamaga rugsat ediň. Siz ajaýyp ösüş etdiňiz—özüňiziň Meniňiziň keşbini iki esse gowulandyrdyňyz we şonuň ýaly-da özüňiziň pikir çägiňizi giňeltdiňiz. Elbetde, meniň isleýşim ýaly-ha däl, ýöne sizi howlukdyryp durjak däl. Ilkibaşda size öz öňüňizde siziň üçin kyn, göze ilgiç, şol bir wagtda-da hakykata laýyk gelýän maksady öňde goýmak gerek. Eger maksat size has agyr görünse siz oňa ynanmarsyňyz. Maksadyň syry onuň irnikliliginde hem-de şol bir wagtda-da amala aşyrylyp bilinjegindedir. Öz öňüňizde maksat goýanyňyzda muny mydama-da ýatda saklaň. Beýleki bir tarapdan, adamlaryň köpüsiniň köne ülňülere wepalydyklaryny ýatdan çykarmaly däl. Olar özleriniň pikir ediş çäklerini giňeltmekden gorkýarlar we bu gorky olarda edil endik ýaly bolup barýar. Adamlar tukat gündelik durmuşda ýaşamaga öwrenişýärler we özgerişsiz oňňut edýärler. Olar muňa durmuş didýip ynanýarlar, olar arzuw etmekden gorkýarlar. Pikir çäkleriňizi giňeltmekden hiç wagt hem çekinmäň. Kagyz liste ýöne ulalyp barýan sanlary ýazmak bilen, bir sagadyň dowamynda ajaýyp netijeleri gazanyp bolar. Ine, sizi alyp göreli. Binäçe minutyň dowamunda siz öz maksadyňyzy iki esse artdyrdyňyz.

--Soňrak, haçanda öz otagyňyzda ýejke galanyňyzda şeýle wezipäni ýerine ýetiriň,--diýip, goja milliomer sözüni dowam etdi.—Oturyňda maliýe üstünligine eltýän öz ugryňyzy bellik edişdiriň. Nähili? Ynha şeýle. “Şu günden başlap, alty ýyl geçenden soň men millioner bolaryn” diýip ýazyň. Munuň özi meniň syrymyň iş ýüzüne geçmegidir, hut şeýle etmek bilen men Basym Millioner boldum. Eger maksada ýetmek üçin alty ýyl gerek bolsa, onda bu nähili basym bolýar diýmegiňiz mümkin. Ylalaşýaryn, ýöne size maliýe üstünligine alyp gitjek ulary otlamak we açary towlamak üçin bary ýogy ýekeje pursat gerek bolar.

Eger men barada gürrüň etmeli bolsa, onda men 10 000 funtdan başlapdym. Bu pullary maňa bir goja millioner beripdi. Özümiň ilkinji millonymy gazanmak üçin maňa bäş ýyl we on aý gerek boldy. Şondan bäry şu formulany ulanmak bilen men kän öňe gitdim. Köpler meniň ýörelgämiň üstünden gülýärler, ýöne şol gülýänler baý bolup baraýanoklar.

Bu formula diňe millioner bolmak isleýänler üçin hem peýdaly däl.Ahyrsoňy, baýlyk barada hemmeler arzuw edio baraýanok. Şunda-da meniň syrymyň ähli ajaýyplylygy jemlenýär. Ol islendik arzuwyň—ýönekeýlerinden başlap, iň bir geň-enaýy arzuwlaryň amala aşmagyna şol bir derejede

ýardam edýär. Meselem, goşmaça bäş müň funt gazanmak ýa-da özüňiň ýyllyk girdejiňi iki esse artdyrmak, ýeri gelende bellesek doly amal edip boljak wezipe.

Indi bosa, siz rugsat etseňiz, men özümiň güllerimiň ýanyna gitmekçi, siz bolsa öz otagyňyza gidiňde meniň size aýadan jümlämi ýazyň: “Şu günden başlap, ýene alty ýyldan men millioner bolaryn. Diýmek, men ...çenli millioner bolaryn.”Günini, aýyny we ýylyny ýazyň.  Ähli täsir galdyran zatlar we kelläňize gelip biljek pikirler barada, olaryň mazmunyna seretmezden ählisini ýazmagy unutmaň. Kagyzy stoluň üstünden taparsyňyz. Baryň we meniň formulamyň üstünde biraz kelle döwüň, ol ýakyn alty ýylda siziň durmuşyňyzy kesgitlejek ýörelge bolar.

# 8-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ÝIGIT ÖZI ÜÇIN SÖZÜŇ GUDRATYNY AÇÝAR

**Wezipeleriň üstünde kelle döwmeklige çümen ýaş ýigit bir sagadyň nähili geçenini bilmän galdy. Pikir derýasyndan ony hyzmatçynyň sesi çykardy.**

--Hojaýyn size bagda garaşýar,--diýip, ol aýtdy. Ýaş ýiýgit hyzmatçynyň ugratmagynda baga tarap ugrady. Hojaýyn ýaňyja tertibe salnan gülleri synlap, oturgyçda otyrdy. Aýak sesini eşidip, goja kellesini galdyrdy. Onuň ýüzünde ýagty ýylgyryş alamty duýulýardy.

--Ýeri, işler neneň?—diýip ol sorady.—Gaytalamalar peýda berýärmi?

--Hawa, ýöne mende ençeme sowal bar.

--Şonuň üçin-de men bu ýerde otyryn,--diýip, goja myhmany öz ýanynda oturmaga çagyrdy.

--Meni iň alada goýýan zat, ýene alty ýyldan, hatda bu bolgusyz jümläni ýazsam hem we onuň üstünde işläp başlasam-da  nädip meniň milloner bolup biljegim. Men hatda haýsy ugutda işlejekdigimi-de bilmeýärin. Munuň üstesine-ds, meniň göwnüme bolmasa milloner bolardan heniz men ýaş ýaly.

--Ýaşlyk—päsgelçilik däl. Müňlerçe adamlar sizden hem ýaşrak wagtlary baýap bildiler. Mesele ýaşda däl, syry bilmezlekde ýa-da ony ulanmak islemzlikde.

--Men siziň syryňyzy ulanmaga taýýar, ýöne maňa özümi millioner bolmaga ukuplydygymy hähili ynandyrjagymy bilmeýärin.

--Diňe bir usul bar, ýagny siziň ulanýan şol bir usulyňyz, haçanda siz özüňizi, eger siz muny näçe isleýän bolsaňyz-da hiç haçan milloner bolup bilmejekdigiňizi tersine ynandyryp bileniňizde mümkin bolar. Soňky günleriň dowamynda, has takygy, soňky hepdelerde siz öz şahsyýetiňizi “basym millioneriň” şahsyýerine öwürmäge ymtyldyňyz. Elbetde, ençeme ýyllaryň dowamynda dikeldilen

diwary ýykmak üçin wagt gerek. Syr keşpler bilen utgaşdyrylýan sözlerde. Biziň pikirlerimiz özlerini şeýle aýan edýärler. Her bir pikir özi barada ýa söz bilen, ýa-da keşp bilen habar berýär. Adamyň häsiýeti nähili güýçli bolsa, şonça-da onuň pikir-hyýallary uly güýje eýedir, şonça-da olar onuň durmuş ahwallaryny emele getirip, çalt durmuş hakykatyna öwrülýärler. Filosof Geraklitiň "Häsiýet ykbala barabardyr" diýen parasatly jümleleriniň esasynda şu pikir ýatandyr.Isleg—biziň pikir-hyýallarymyzy goldaýar we ugrukdyrýar. Siz näçe güýçli isleýän bolsaňyz, şonça-da çalt siziň isleýän zatlaryňyz siziň durmuşyňyzda peýda bolar. Baýamak isleýäňizmi—arzuw ediň, ot alyp muny isläň. Çynlakaýlyk we hyjuw—ine üstünligiň zerur goşundysy.

--Ýöne men baý bolmagy çyn ýürekden isleýärin,--diýip, ýaş ýigit seslendi.—Men indi ençeme ýyllar bäri munuň üçin ähli mümkin bolan zatlary edýärin, emma hiç zat kömek etmeýär.

--Alaw ýaly isleg—hökmany şert, ýöne ol ýeterlik däl. Size ýermeýän zat ynam. Siz millioner boljakdygyňyza ynanmaga borçlysyňyz.

--Ýöne men nädip şol ynama eýe bolmaly?

--Men şu tema degişli örän köp kitap okadym. Olarda gelinýän netijeler meniň halypamyň maňa öwreden zatlary bilen gabat gelýär. Ynama eýe bolmagyň ýeke täk usuly –sözleri gaýtalamak. Söz biziň içki we daşky durmuşymyzda ägirt uly güýje eýedir, emma köp halatlarda adamlar bu babatda hiç hili düşünjä eýe däldirler, ýa-da bu ýörelgäni iş ýüzünde ulanmaýarlar... Ýok, men ýalňyşdym, olar ony ulanýarlar, emma diňe özleriniň zyýanyna. Sözler ähli babatda güýçlidirler, muny ýatdan çykarmaň.

--Siziň pikirleriňiziň gaşysyna gitmek islämok, ýöne, meniň göwnüme bolmasa, siz biraz meseläni mahabatlandyrýarsiňiz ýaly.—diýip, ýaş ýigit garşy çykdy.—Düşünýän däldirin, nädip söz maňa milloner bolmaga ýardam edip biler. Elbetde, olar belli bir ähmiýete eýe, ýöne ylalaşaýyň, diňe gytaklaýyn.

Basym Millioner öz pikirlerine çümüp oturşyna hiç zat aýtmady. Soňra şeýle diýdi:

--Siziň otagyňyzdaky stoluň üstünde men siziň üçin bir köneje, şu taglymaty örän elýeterli düşündirýän kitaby goýupdym. Haýyş edýän, baryňda ony edil şu wagt okap görüň, ol öran gysga ýazylan, soňra şu ýere geliň we biz öz söhbetimizi dowam etdireris. Size amatly bolar ýaly oagyň gapysyny ýapyp bilersiňiz.

Ýaş ýigit öz otagyna gaýdyp geldi, gapyny ýapdy we gürrüňi edilen kitaby gözläp başlady, emma kitabyň ýerine hat tapdy. Bukjada onuň ady ýokdy, ýöne biziň gahrymanymyz bu haty özi üçin ýazylan hasap etdi, sebäbi onda "Ýaş millionere hat" diýen ýazgy bardy.

Ol bukgany açdy. Kagyz listde gyzyl syýa bilen ýazylan ekeje söz bardy.

"Hoş galyň". Aşagynda bolsa gol: Basym Millioner.

Myhmanyň ýüregi gürsüldäp urdy.

Şol pursat haýsydyr bir ýaňlandy. Yzyna öwrülip, ýaş ýigit ozal bu ýerde bolmadyk kompýuteri gördi. Myhman bagda wagty kimdir biri ony bu ýere getiren bolmaly. Ses işläp duran printerden gelýärdi. Ýaş ýigit kompýutere ýakyn geldi we printeriň şol bir jümleleri çykarýandygyny gördi:

**Seniň bir sagat ömrüň galdy**

**Seniň bir sagat ömrüň galdy**

**Seniň bir sagat ömrüň galdy**

**Seniň bir sagat ömrüň galdy**

**Seniň bir sagat ömrüň galdy**

Eger bu degişme bolsa, onda ol gödek degiöme diýip, ýaş ýigit pikir etdi. Elbetde, bu degişme. Basym Milliopner näme üçin ony öldürmelimiş? Ol goja hiç hili ýamanlyk etmedi. Her näme-de bolsa bu ýer täsin ýer. Belki-de, bu goja özüniň mylakatlylygynyň aňyrsynda adam öldürmäge niýetini gizleýän akly çaşan adamdyr?

Ýaş ýigit halys aljyrady. Eger bu degişme bolmasa, onda bu ýerden heniz giç däl wagty çaltrak jyrmak gerek we gojanyň çegine, syryna, onuň sada kellesine guýan ähli jadyly taglymatlaryna atanak çekmek gerek diýip, ýaş ýirit oýlandy.

Ol haty poluň üstüne zyňyp goýberdi we gapa tarap okduryldy, ýňne ol berk ýapykdy. Aljyraňňylyga düşmek bilen ol gapyny açmak üçin bar güýji bilen tutawajy basdy. Peýda etmedi. Bu gezek, megerem, goja millioner aşa öte geçdi.

Özüni ýitirip, ýaş ýirit aýnanyň ýanyna towsup bardy we millioneri gördi. Goja bagda işläp ýördi. Ýaş ýigit munuň manysynyň bardygy barada pikir etmezden gygyryp goýberdi. Jogap bolmady. Ol has gatyrak gygyrdy. Ünsünlik. Belki, goja çala eşidýändir. Şol wagt bagda hyzmatçy peýda boldy we ýaş ýiýgi güýjünde baryny edip gygyrdy. Peýdasyzdy.

Bu nä boluş? Olaryň bary birden ker bolaýmalymy?

Birinji hyzmatçydan soň baga ýene biri geldi. Myhman ýene gygyrdy, ýöne ikinji hyzmatçy hem gykylyga üns bermedi. Ýaş ýigidi howsala gaplap aldy. Bu nähilidir bir elhenç dildüwşük diýip, ýaş ýigit oýlandy.

Ilkinji gezekde bolsy ýaly ýaş ýigit penjireden çykyp gitmek barada pikirlendi, ýöne bu pikirini dessine taşlady. Ol öz boýnuny omurmak islemeýärdi. Şu ýerde-de onuň gözi telefona düşdi. Paňkelle!—diýip myňman öz-özüne sögündi. Näme üçin ol muny osal görmedikä? Kime jaň etmeli? Polisiýamy? Halas ediş gullugunamy? Eger howp ýok bolsa, ony ýalan çakylykda aýyplarlar.

Ol telefon belgisini aýlady. Telefonda oturan zenanyň sesi tasin eşidildi. Ýaş ýigidiň haýyşyna jorap edip ol ýakynda ýerleşýän polisiýa bolüminiň telefon belgisini berdi. Ol gyssagly belgini aýlady. Gysgajyk gudoklar gitdi. Nähili ýakymsyz seseler! Ol belgini täzeden aýlady, ene-de telefon meşguldy. Ýok, onuň işi halys şowuna däl. Ýaş ýigit üçinji gezek belgini aýlamaga durdy, ýöne şol pursat telefon apparatyň özünde ýazylan belgini aýlap oturandygyny bildi. Ol öz otagyna jaň edýärdi.

Ol ýene-de gapyny döwmäge çalyňdy, emma bu başa barmady. Penjiräniň golaýyna gelip, ol giň gara plaş geýnen we etegi giň şlýapaly adamyň öýe tarap gelýänini gördi. Ýaş ýigidiň endamyna sowuk aralaşdy. Eýsem ol hkyna tutma jellat däldi, kim bolup biler? Edil alaka ýaly gapana düşdüň. Çykalga ýok. Häzir ony öldürler.

Girelgeden aýak seslri eşidildi. Ädimler golaýlaşýardy. Ýaş ýigit goranmak üçin bir zatlar gözläp, çepe we saga howsalaly äňedip, gapydan aýryldy. Gapyda açar towlandy, tutawaç gaňryldy, gapy açyldy. Bosagada alagaraňkyda gara göwre durdy, ine-de ol içeri girdi. Nätanyş ýeke söz diýmän, heýkel ýaly bolup sarsman durdy, soňra ol elini jýbýsine sokdy. Ýaş ýigit şol ýerden pistoletiň peýda boljakdygyna garaşdy, ýöne hätanyş pistoletiň ýerine şol bir wagtda ýüzüni ýapyp duran şlýapany galdyryp, jübüsinden bir bukja çykardy. Iň bir ýaramaz netijä garaşyp, jadylanan ýaly bolup duran ýaş ýigit şlýapanyň astynda milloneriň ýüzüni gördi.

--Siz bagda öz hatyňpyzy ýatdan çykaryp raýdypsyňyz,--diýip, Basym Millioner aýtdy. Ýaş ýigit indi biraz özüne gelip, gyzyklanma bilen gojanyň eşigine seretdi.—Siz meniň salgy beren kitapjagazymy tapdyňyzmy?

--Ýok, ýöne men ine şuny tapdym,--diýip, ýaş ýigit jogap berdi. Gojanyň sesi ýene-de ozalkylary ýaly dostlukly eşidildi we myhmanyň ýüregi biraz köşeşdi.

Ol aşak egildi-de poldan bukjany galdyrdy.

--Bu ýerde siz nähili oýny guradyňyz?—diýip, myhman talap edijilik äheňde gürledi.—munuň ýaly zat üçin men sizi kazyýete berip bilerdim, düşünýäňizmi...

--Ýöne...bularyň bary ýöne bir söz ahyryn. Kagyz liste ýazylan birbäçe jümle. Siz hakykatdan-da şu kagyz üçin meni kazyýete bermekçi bolýaňyzmy? Siziň özüňiz sözüň güýjüne ynanmaýandygyňyzy aýtdyňyz ahyryn, şeýle dälmi? Seretseňizläň, siz nähili ýagdaýda...

Ýaş ýigit gojanuň näme diýmekçi bolýandygyna birdenkä düşündi.

--Men siz sapak bermek isledim,--diýp goja aýtdy.—tejribe taglymata görä has gowy mugallym. Dogruläp aýtsak, tejribe munuň özi durmuşdyr. Gýotäniň näme diýenini bilýäňizmi? “Çal—munuň özi hazaryet, meniň dostum, durmuň daragty bolsa mydama ýaşyl owüsýändir.” Siz indi sözüň gudratyna düşündiňizmi? Ýene-de bir zat: sözüň güýji şeýle bir uly welin olar hatda ýalan alyp gelýän wagty-da adamlara täsir edýärler. Ynanaýyň, mende hiç hili ýaramaz isleg ýokdy.

--Men nireden bileýin?—diýip, kem-kemden köşeşýän myhman aýtdy.

--Siz bu zatlaryň üstünde logiki pikirlenip bilersiňiz. Hany, aýdyň, maňa sizi öldürmek nämä gerek? Siz hiç wagt hem maňa hiç hili ýamanlyk etnediňiz. Goý, hatda şeýle-de bolsun, ýöne men barybir ar almak barada pikir etmezdim. Häzirki wagtda meniň höwes edýän zadym öz bagyma serenjam bermek. Häzirlikçe ol gelejekde maňa garaşýan agaýyp bagyň diňe solgun kölegesi. Siz logika ynam etmelidiňiz. Ýogsam-da bolsa, siz özüňiziňkä meňzeş ýagdaýda logikanyň nähili güýçsüzdigine göz ýetiren bolsaňyz gerek? Haçanda siz bize gygyranyňyzda, biz hem ony eşitmediksirän bolanymyzda, siz nähili erbet ýagdaýa düşdüňiz. Siziň ýalňyşlygyňyz ozalyndan gurnalan haty okanyňyzda däl-de, eýsem şol haýbat atmalara ynananlygyňyzda. Siz adam aňyny dolandyrýan iň esasy kanynlaryň birine instinkt boýunça boýun bolduňyz. Haçanda hyýala getirmeler bilen logika bir-birlerine ters gelenlerinde, köplenç, gürrüňsiz hyýala getirmeler ýeňiş gazabnýandyr. Siz ýene-de bir, has erbet ýalňyşlygy goýberdiňiz—siz özüňize düýbünden degişli hem däl howp salynma sebäpli başyňyzy çaşyrdyňyz.

Millioner printeriň ýanyna bardy, ony öçürdi, hat ýazylan kagyzy aldy we ony myhmana berdi. Ýaş ýigit ör-gökden geldi. Sahypanyň iň ýokarsynda nätanyň adamyň ady ýazylgydy. Ol hatda haýbat atylýan sözleriň öz adyna degişli däldigine hem üns bermändi. Ýaş ýigide bu wakanyň diňe onuň özüniň hyýala getirmeleriniň miwesi bolandygy üçin örän utançly boldy.

# 9-NJY BÖLÜM:ÝAŞ ÝIGIDE ILKINJI GEZEK GÜLIŇ ÝÜREGINI GÖRKEZÝÄRLER

--Şu günüň dowamynda siz ençeme möhüm zatlary öwrendiňiz,--diýip, milloner ýaş ýigide aýtdy.—Siz olary diňe paýhasyňyz bilen däl, eýsem tutuş ýüregiňiz bilen hem syzdyňyz. Indi siz, biz muny isleýärismi ýa-da ýok, sözlerip biziň durmuňymyza nähili täsir edýändigini duýduňyz. Siz düýbünden özüňize degişli hem däl haýbat atmalardan öler ýaly gorkduňyz. Ýöne näme-de bolsa ol biderek bolmady, siz gymmatly sapagy özleşdirdiňiz. Pikir, eger ol ýalan bolsa-sa, eger biz onuň hakykydygyna ynansak bize täsir edip biler. Haçanda biz pikir-hyýallaryň ähmiýetliligini, takyk aýdylanda, biziň öňa berýän ähmiýetimizi kesgitlemegi öwrenenimizde, biziň aňymayza rahat pikir etmek başarnygy gaýdyp gelýär. Diňe siziň aňyňyz haýbar atmalar bilen bagly sözlere ähmiýet berdi. Eger olar size nätanyň dilde ýazylan bolanlygynda, siz olara jinnek ýal-da ähmiýet bermezdiňiz.

Millioner şägirdine eşiden sözlerini aňynda öwrüp-çöwrer ýaly pyrsat berip dymdy we biraz garaşyp sözüni dowam etdi:

--Gelejekde, her gezek, haçanda müşgüllikler bilen gabat gelseňiz, üstünlige barýan ýolda siziň öňüňizde ençeme päsgelçilikler gabat geler, ýalan howp darada ýatlaň. Özüňize şeýle göwünlik beriň, bu müşgüllik şol ýalan howp ýaly size hiç hili dahylly däldigini aýdyň. Megerem, bu siziň üçin öte geçmek ýaly görner, çebäbi müşgüllik bilen siz ýüzbe-ýüz bolýarsyňyz, emma ony aňyňyz bilen başga ugra gönükdiriň. Onuň size däl-de, eýsem başga birine niýetlenendigini hyýalyňyza getiriň. Men diýmek islän zadymy size düşündirmegi başardymmy, bilemok. Hiç bir ýagdaýda-da müşgüllige sizi ýoluňyzdan yza gaýtarar ýaly üns bermek gerek däl. Haçanda siz muny öwreneniňizde, bu bolsa asla

ýeňil däldir, ynanaýyň, siz bahasyna ýetip bolmajak endik edinersiňiz we özüňiziň ähli arzuwlaryňyzy amala aşyryp bilersiňiz. Ýöne duýdurmaga ygtyýar beriň, şol endigi edinçänçäňiz size uzak, kyn ýol garaşýar. Hiç haçan yza çekilmäň, ine şonda, sizi ynandyrýaryn, netije sarp edilen tagallalara mynasyp bolar. Ajaýyp günleriň birinde, men ynanýaryn, siz hatda durmuşyň iň ýokary maksadynyň nämededigine düşünersiňiz. Beýleki zatlaryň ähmiýeti ýok.

Özüniň pikirlerini aýdyp, çuň oýlanmalara çümüp, millioner dymdy.Onuň gözleri tukatlandy. Biraz dymyp, ol aýdylanlary jemleýän ýaly, sözüniň üstüni ýetirdi:

-- Durmeş agaýyp gülleýän bag ýaly-da ýa-da ýer üsnüdäki dowzah ýaly-da bolup biler. Ähli zat siziň pikirleniş çägiňize baglydyr. Ine, şu güljagaz barada oýlanyň. Islendik wagt, haçanda siziň ýoluňyzda müşgüllik ýüze çykanda, gülüň merkezine ünsüňizi dikiň. Gülüň ýüreginiň içine giriň we onda ýitip gidiň. Ýatda saklaň, howp size däl-de, başga birine degişli. Eger siz isleseňiz, müşgüllik size däl-de, başga birine tarap gönükdiriler.

Goja öz sözleriniň ähmiýetini aýratyn nygtap, dowam etdi:

--Adamlaryň köpüsi meniň edil şu wagt aýdan zatlaryma düşünmäge ukyply däl. Olar muny bişişmedik optimizmden başga zat däl diýip pikir edýärler, ýöne şu sözlerde has ähmiýetli zatlar gizlenip ýatyr. Ýaramaz zatlary görmegi başarmaýanlar üçin ýaramazlyk ýok. Dünýä—biziň içki dünýämiziň aýnada görünýän zatlar ýaly şöhlelenmegidir.Eger sizde hiç hili gowşaklyk bolmasa, onda ýaramazlygy hiç bir zat özüne kabul edip bolmezdi, ol size degişli bolmazdy, howp sizi gorkuzmazsy. Ýaramazlyk ýok diýip mydama gaýtalaň we öz ünsüňizi gülüň ýüreginde jemläň. Bu ýerden siz düşbülik taparsyňyz,ol bolsa sizi durmuşda öňe alyp gider. Bu ýerden siz durmuşda ýetmeýän zadyňyzy—öz edýän işiňize söýgini, adamlara hormaty,hakyky baýlygyň goşalanan syryny taparsyňyz .

## 10-NJY BÖLÜM: ÝAŞ ÝIGIT ÖZÜNIŇ AŇASTY AŇYNA ERK ETMEGI ÖWRENÝÄR

**Bu uzaga çeken, täsirli gürrüňini tamamlap, milloner ýadawlyk bilen dymdy. Binäçe minut dymyp oturandan soň ol her bir sözüne basym berip, gürrüňini dowam etdi:**

--Ine, näme üçin meniň size beren formulam şeýle güýje eýe. Hatda, eger ozalbaşda siziň haçan hem bolsa bir wagt millioner boljakdygyňyza ynanmak kyn bolsa-da, bary bir siz millioner bolup bilersiňiz. Şu formula bilen hem siz edil howp bilen iş salşyşyňyz ýaly çemeleşiň—onuň mazmunyny hakykat ýaly kabul ediň, sebäbi hut ynam hem islendik üstünligiň iň beýik syrydyr. Eger siz özüňiziň ol ýa-da beýleki maksada ýetip biljekdigiňize ynansaňyz, siz bu ukyba hem eýe bolup bilersiňiz.

--Men şu günden başlap, ýene alty ýyldan millioner bolup biljekdigime asla ynanyp bilemok. Howp bilen bagly ýagdaýda men kellämi ýitirdim we özümi aldatdym, emma formula—bu düýbünden başga zat,--diýio, ýaş ýigit aýtdy.

--Hatda eger siz formulanyň täsirine ynanmasaňyzda, ol size täsir edip başlaýar. Siz näçe ony özleşdirdigiňizçe, ol näçe size aralaşdygyça, şonça-da ol güýçli bolup başlaýar. Sebäbi bu ýerde siziň logiki deliller bilen ynandyryp bilinjek oýlanyşykly pikirlenýän aňyňyz hereket etmeýär. Ýalan howpy ýada salyň. Logikanyň nukdaýnazaryndan ol size doly derejede bolgusyz bolup göründi, emma ol, bellemeli bolsa, sizden güýçli çykdy. Siziň haýsydyr bir bölegiňiz—siziň hyýalyňyz—ýalan howpy hakyky diýip kabul etdi. Biziň aňymyzyň bu gizlin bölegi “aňmaýan bölek” diýlip atlandyrylýar. Gizlindigine garamazdan ol biziň aňymyzdan esli deregede güýçlidir. Hut şil hem biziň durmuşymyzy ugrukdyrýar. Aňmazlyk taglymaty barada men gagatlap gürrüň edip bilerin, ýöne men bir jümle bilen çäklenmekçi: aňasty aň sözüň güýjüne biçak duýgurdyr. Megerem, indi size alty ýyla ýeter-etmez wartda millioner bolmak babatda hakykat ýüzünde we amala aşyryp boljak mümkinçilige ynanmagyň kyndygy düşnükli bolsa gerek.

--Gynansam-da, beýle däl.

--Sözlem görnüşinde emele gelýän pikirler, başgaça aýdanymyzda sözler, ençeme ýylleryň dowamynda aňasty aňa çuňňyr aralaşýar. Wagtyň geçmegi bilen ýaňyňda saklanýan ähli zatlar siziň Meniňiziň keşbini döredýär. Siz muny aňmaýarsyňyz, emma, muňa seretmezden, siziň ähli geçmiş tejribäňiz, siziň özüňiz bilen alyp baran ähli içki söhbetleriňiz sizi millioner bolup biljek adam däl diýip ynandyrypdy. Ýogsam, hakykay aýtmaly bolsa, munuň üçin sizde ähli zerur häsiýetler bar. Siz öz göz öňüne getirişiňizden hem az zähmet sarp edip millioner bolup bilersiňiz. Siziň Meniňiziň keşbi, biziň her birimiziň Men keşbimiz ýaly, şeýle bir uly güýje eýe welin, ol siziň islegiňize bagly bolmazdan siziň ykbalyňyza öwrülýär. Daşky ýagdaýlar täsin takyklygy bilen siziň özüňiz baradaky göz öňüne getirmeleriňizi gaýtalaýarlar. Baý bolmak üçin size öz Meniňiziň täze keşbini özüňiz üçin döretmek gerek.

--Men tagalla ederin, ýöne ol meniň meselämi çözermi? Men bu taglumatlaryň ählisini örän kabul etmek islärdim welin, ýöne men näme-de bolsa özümi millioner bolmaga ukyplydygymy nädip ynandyryp bilerin?

--Bu örän aňsat ahyryn, görmeýärsiňizmi, eýsem? Ýene-de bir gezek ýalan howp barada ýatlaýyň. Ol ýalandy, emma size hakyky ýaly täsir etdi. Şeýle hikäni özüň bilen hem etmek gerek. Siziň aňasty aňyňyz ozalky sapardan has parasatly bolup çykmasa gerek. Çaga döwrüňizde, soňraklar hem, haçanda siz nämedir bir zat bilen ylalaşmaýan bolsaňyz-da, hatda ol ýalan bolsa-da, siz öz aňasty aňyňyzy şol ýalany kabul etmegi meşbur edip, ony aladansyňyz. Ýenede siz şony etmeli bolarsyňyz. Aňasty aňa islegiňe görä täsir edip bolýar, soňra bolsa, haçanda ol siziň aýdan zatlaryňyzy kabul edende, bu bolsa şeýle bir çylşyrymly hem däl, siz isleýän zatlaryňyzyň ählisine etip bilersiňiz. Näme üçin? Sebäbi sizň aňasty aňyňyz siziň başarjakdygyňyza ynanýar. Ol muny, edil şu wagtdaky ýaly, siziň köp zatlary edip bilmejekdigiňiz baradaky ynamyňyzy hakykat diýip kabul edişi ýaly, ony-da hakykat diýip kabul eder. Munuň özi meniň ozal aýdan zatlarym bilen baglydyr. Adam—onuň aňasty aňynda pynhan saklanylýan pikir-hyýallaryň şöhlelenmesidir.

Ýaş ýigit halypasyny barha artýan gyzyklanmasy bilen diňleýärdi, ol bolsa gürläp durdy:

--Iň esasy mesele—ol ýa-da beýleki zadyň hakykatdygy barada gümansyramak, ol bolsa ýerine düşýär. Aňasty aňy nähili güýje eýedigine garamazdan, hakykaty ýalandan saýgaryp bilmeýär. Ir ertir, siz haýbat atmalara sezewar bolanyňyzda, siziň aňasty aňyňyz onuň ýalandygyny aňlamagy başarmady we oňa belli bir derejede garşy durmaga çalyşdy. Eger siziň akylyňyz hatyň mazmunyny kabul etmedik bolanlygynda, eger ol, diýeliň, aňasty aňyň öňande gapyny ýapan bolanlygynda, onda siz bu zatlaryň ählisine örän arkaýyn çemeleşerdiňiz we ýagdaý aýdyňlaşýança garaşardyňyz.

--Hawa, ýöne haçanda aň bilen aňasty aňyň arasynda gapma-garşylyk ýüze çykanda nämeler bolup geçýär? Eger meniň aňym baýlyk baradaky pikiri kabul etmese näme bolar?

--Eke-täk çykalga, özem iň çalt we netijeli çykalga,--gaýtal;amak.

--Gaýtalamak?

--Nut şeýle. Bu usuly adatça öz özüňe ynandyrmak hem diýip atlandyrýarlar. Biziň her birimiz bütin durmuşynyň dowamynda ony mydama ulanýarys. Her gün bize ynandyrrmak we öz-özüňi ynandyrmak täsir edip durýar. Biziň her birimiziň özümize gönükdirilen dynuwsyz iç gepletmelerimiz biziň durmuşymyzy kesgitleýär.Kimdir biri hiç haçan üstünlik gazanyp bilmejekdigini tükeniksiz gaýtalaýar, sebäbi işi şowsuzlar maşgalasynda doglanmyşlar. Ýa-da eýýäm birnäçe gezek şowsuzlyga uçrapdyrlar we olary ykbal kesgitleýji boldy didiý hasap edýärler. Bu adamlar şowsuzlykdan şowsuzlyga olarda üstünlik gazanmak üçin zeryr häsiýetleriň ýokdugy üçin däl-de, eýsem diňe düşünmezden özlerini işi şowsuzler diýip görkezýändikleri üçin uçraýarlar.

Özlerini zenanlar üçin düýbünden görmeksiz hasap edýän erkekler bar, ýogsam olar hakykat ýüzünde olar mähirlilikden şöhle saçýarlar. Nähili pikir edýärsiňiz, dogrudan-da zenenlar olardan edil mergiden gaçan ýaly gaça durýarlar. Olaryň aňasty aňynda şöhlelenýän Men keşbiniň güýji olaryň garşysyna işleýär we zenanlary çetleşdirýän ýagdaýy döredýärler.

--Eýsemde bolsa, biziň durmuşymyza şeýle derejede diýseň täsir edýän oňyn däl formulany gaýtalamagy başgaça-da ulanyp bolar, biz ony hem ýerine ýetireris,--diýip, goja özüniň pikirini tamamlady.—Aňasty aň—özüniň kuwwatyna daýanyp, bizi özüne bakna edip biljek guldyr.Ýöne ol kördür, ony aldap bolar. Şuny-da öwrenmek gerek.

Elbetde, ýaş ýigit bu gürrüňiň ählisine düşünmedi, muňa seretmezden, ol onuň peýdasyna boldy. Ol gojanyň onuň bilen bolup geçýän zatlaryň sebäplerini görkezip, nyöany dogry urandygyna düşündi.

--Bu taglymatyň ajaýyplygy, oňa hatda ynanmasaň-da, ondan peýdalanyp bolýanlygyndadyr,--diýip, millioner seslendi.—Ýöne netije gazanmak üçin ony herekete getirmek zerur, bu bolsa ertekilerdäki ýaly öz-özünden bolaýan däldir. Munuň syry ýönekeý: ähli zat, meniň eýýäm belläp geçişim ýaly, gaýtalap durmaga bagly bolup durýar. Hatda ozalbaşda size muňa ynanmak kyn bolsa-da, iň bolmanda birnäçe günüň dowamynda formulany gaýtalamaga çalşyň. Şol wagtyň dowamynda siz belli bir netijäni duýarsyňyz.

Bu formula size diýseň ýönekeý bolup görünmegi mümkin, ýöne size bir zady aýtmaga rugsat ediň, hut şunda-da zeminiň iň kuwwatly syry jemlenendir. Bibliýadaky sözleri ýada salyň: “Ilkibaşda Söz bolupdy.” Söz, ýagny dil. Öz-özüňi ynandyrmak biziň durmuşymyzda uly ähmiýete eýedir. Eget biz muny aňmasak, onda köp halatlarda ol biziň garşymyza hereket eder. Tersine, eger biz ony özümize gulluk etmäge mejbur etsek, onda onuň biçak uly güýjüniň ählisi biziň elimizde bolar.

--Meni ynandyrdyňyz diýip pikir edýäri,--diýip, ýaş ýigit aýtdy.—eger hakykaty aýtmaly bolsa, men heniz hem köp zatlara düşünmeýärin.

--Zyýany ýok. Häzir size şu zady etmek gerek. Ýene-de ol size örän ýönekeý bolup görünmegi mümkin, ýöne intellektual ölçegler boýunça däl-de, eýsem netije boýunça çözgütleri çykarmaly bolarsyňyz...

## 11-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ÝIGIT WE ONUŇ HALYPASY SANLAR WE FORMULALAR BARADA SÖHBET EDÝÄRLER

Millioner oturguja çökdi we myhmany hem çanynda oturmaga çagyrdy. Kagyz we galam alyp, ol birnäçe sanlary ýazyşdyrdy.

--Siziň formulaňyz şeýleräk bolar,--diýip, ol aýtdy.

Listde şeýle sözler bardy: “Şu ýylyň aýagyna mende aktiw görnüşinde 31 250 funt pul bolar. Men bu möçberi bäş ýylyň dowamynda her ýyl iki esse artdyrýaryn we (şu ýerde boş setirler galýar) men millioner bolaryn.”

--Aktiwleri girdejiler bilen garyşdyraýmaň,--diýip, millioner düşündirdi.—Aktiwler—haçanda aşli gündelik hasadatlar we salgytlar tölenilenden soň galýan pullardyr. Muňa maýa goýumlary ýa-da beýleki emläkler, aksiýalar ýa-da bank süýşürintgileri girip biler. Şeýlelikde, eger alty ýylyň dowamynda siz millioner bolmak isleýän bolsaňyz, bu bolsa etip bilinjek maksatdyr, onda siziň formulaňyz şeýle model esasynda düzülip bilner. Eger birinji ýylyň aýagyna siz 31 250 funt sterling möçberdäki aktiwe eýe bolsaňyz, onda siz eony her ýyl iki esse köpeltmek gerek we şonda siz ýene alty ýyldan millioner bolarsyňyz.

Näme üçin iki esse artdyrmaly? Bu ýönekeý işi siziň aňasty aňyňyz aňsatlyk bilen ýerine ýetirýär. Muny ýatda saklamak hem aňsat. Yzygiderli ösüş kepillendirilýär. Şunda siz ilkinji milliony edinmek üçin artykmaç, ýedinji ýyly sarp etmeli bolmaýarsyňyz.

Mundan başga-da, eger siz şeýle gysga möhletde—alty ýylda millioner bolmak isleýän bolsaňyz, bu formula siziň üçin örän möhümdir. Ýöne ilkinji ýylyň aýagyna siziň aktiwleriňiz talap edilýän 31 250 funtdan az bolmagy-da mümkin. Eger bu san siziň üçin örän köp görünse, onda özüňize ýene bir ýyl goşuň. Ýedi ýylda millioner bolmak hem erbet netije däl. Onda siziň maksadyňyz birinji ýylyň

aýagyna aktiw görnüşinde 15 625 funt bolar. Ynanaýyň, bu hakyky bolup biljek we amala aşyryp boljak zat.Ynanan pursatyňyz ýylyň aýagyna sizde 15 625 funt möçberde ajaýyp baýluk emele geler, siz ony edinersiňiz.

“Men ... ýyla(aýyny we ýylyny ýazyň—bäş, ýedi ýa-da on ýyldan) milloner bolaryn” diýen formuladan başga-da, size gysga möhletli aralyk maksatlary düzmek gerek bolar. Olar baýlyga barýan ýolda siziň ýol belgileriňiz bolar. Olardan başga-da, ýyllyk maksat zeryrdyr.

--Iň möhüni maksatlaryňy kagyza ýazmaksyr,--diýip, goja millioner nygtady.—Eliňiza galam alyň we sanlar we ýyllar bilen biraz meşgul boluň. Gorkman, olar zeper ýetirmeýärler. Oýnuň dowamynda siz sanlara we pul möçberlerine öwrenişip gidersiňiz. Müňlerçe adamlar baýamagy arzuw edýärlet, ýöne olaryň ýüsden biri baýlyga barýan ýoly kagyzda neýan etse-di, onda gowy bolardy. Olar ýaly bolmaň, meýilnamalary we kartalary düzüň! Özüňiz üçin amatly meýilnama düzýänçäňiz bu işe synanyşyň. Göänüňizi galkyndyrmak üçin şu ýerde, meniň bilen edişiňiz ýaly yzygyder synanyşyk ediň, goý, siziň hyýalyňyz erkin işlesin we nirä gitmek islese şol tarapa-da uçup gitsin. Siz baýamak baradaky arzuwlardan başlamalysyňyz. Öz pikir-hyýallaryňyza, olary pullara we senelere öwrüp, mukdar kesgitlemäni bermegi öwreniň. Bu siziň ilkinji synanyşygyňyz bolar. Sanlary öwrüp-çöwrüň, we tiz wagtdan bu pýnuň size hakyky mümkinçilikleri açýandygyna göz ýetirersiňiz.

Bir list kagyzda öňüňde durýam maksatlary bellemek, olary amala aşyrmagyň möhletiniwe möçberini kesgitlemek—hyýalyňdaky zatlary durumuşa geçirip başlamakda ilkinji ädimi ädimlemegi aňladýar.

Bäş ýa-da on ýylyň dowamynda millioner bolmga ymtylýan her bir adam şeýle zatlara üns bermelidir: eger ol bir ýylda 20 000 funt gazanýan bolsa we onuň daşyndan,diýeliň, 10 goterimlik goşmaça gazanja garaşmaýan bolsa, onda ol, eger işini çalyşmasa ýa-da goşmaça girdeji çeşmelerini edinmese, hiç haçan hem milloner bolup bilmez.

Munuň özi diňe görnetin ýagdaýdyr, munda hiç hili erbet ýa-da ýazgaryp bolar ýaly zat ýok. Elbetde, siziň emlagiňiziň, siziň aktiwiziňiziň her ýyl ozalky ýyl bilen deöeşdidrilende iki esse artyp durmagynyň formulasy millioner bolmagyň ýeke-täk usuly däldir, emma onuň syry—mukdar islegidir, ýagny oňa ýetmegiň möçberi we soňky möhleti üstünlik gazanmak isleýän islendik adam üçin ýaramlydyr.

Meselem, siz bir ýylda öz girdejiňizi 5 000 funt artdyrmak isleýärsiňiz. Eger häzirki wagtda siz bir ýylda 25 000 funt gazanýan bolsaňyz, siziň maksadyňyz 30 000 funt bolar, isleseňiz 40 000 bolar, ol bolsa siziň häzirki oturan öýüňizi satyp, goşmaça çykdajy etmezden räze öý satyn almaga mümkinçilik berer, şeýle-de ozal sizde bar bolan ulagdan has täzerägini almaga şert döreder.

Şol maksada ýetmek üçin şeýle bir ýönekeý formula bar. Diňe ýeýle diýip gaýtalaň: “ Şu ýyl men öz girdejimi 5 000 funt (ýa-da 10 000) artdyraryn we 30 000 (ýa-da 40 000) funt gazananryn.”

Nädip isleýän netijäňizi gazanjakdygyňyz barada oýa batmaň. Diňe bir zada düşüniň, özüňiziň häzirki işiňizde ýeke-täk ynam edýän zadyňyz – birýyllyk 10 göterim goşmaça girdeji bolup durýar, şunda siz goşmaça işi üstüňize almak isleýärsiňiz, onda size aýlygyňyzyö galdyrylmagyny talap etmek ýa-da işiňizi çalyňmak meselesi öňde keserip durýar, başgaça siz öz maksadyňyza ýetip bilmeýärsiňiz. Bu göze görnüp duran zat, emma özleriniň maddy ýagdaýlarynyö gowulanmagy barada arzuw edýän müňlerçe adamlar munuň üçin düýbünden hiç bir zat etmeýärler. Bu näme, nadanlykmy? Ýa-da olar esasan öz ýagdaýlaryndan närasy dälmi, ýogsam olar bu babatda her gün diýen ýaly nalaýarlar.

Maksada ýetmek üçin özüňiziň adaty durmuşyňyzy özgertmegiň zerurdygy baradaky netijä geleniňizde, siziň özüňize şeýle diýmegiňiz mümkin: “Men hiç hili gabat gelýän zat göremok.”Siz özüňize nadip şol goşmaça bäş ýa-da on müň funty gazanyp bilerkäm diýen sowaly berersiňiz. Howsala düşmäň, bu düýpli müşgüllik däl. Esasan yzygiderli şol bir möçberi we möhleti ýazmak arklay öz öňüňizde goýan maksadyňyz bilen öz aňasty aňyňyzy iýmitlendirip durmagy bes etmezlik möhamdir. Galanlaryny siziň aňasty aňyňyz ýerine ýetirer. Siz ýokary galmaly, barmaklaryň üstüne münmeli. Aýgytlylygyňyzy ýitirmäň! Haçanda işler öz-özünden gowy bolup gidibermeýändigine göz ýetireniňizden soň, hiç hili ikirjiňlenmezden özüňiz üçin dörän islendik mümkinçilikden peýdalanyň. Gorka özüňizi üsgyndan gaçyrmaga mümkinçilik bermäň. Şu sebäpli müňlerçe adamlar öz arzuwlaryny amala aşyryp bilmeýärler. Hiç bir zat etmezden siz isleýän goşmaçalaryňyzy alyp bilmersiňiz. Şonuň üçin hem ikirjiňlenmezden öz maksadyňyza tarap ädimleri ädiň.

Eger siziň aňasty aňyňyz dogry programmalaşdyrylsa, ol gudrat görkezip başlar. Oňa öz girdejiňizi 10 000 funt artdyrmak barada buýruk beriň, ol buýrugy ýerine ýetirer. Bu barada oňa her gün ýatladyp duruň, ol siziň buýruklaryňyzy üstünlikli ýerine ýetirer. Ol öz-özi ugrugýan raket ýaly,siziň ýoluňyzda duran ähli pasgelçiliklerden geçip, maksada tarap okdurylar.Siziň etmeli işiňiz—takyk ölçegleri bermek.

Goja millioner doweam etdi:

--Raketanyň ýarylmaly nokady nämäni aňladýar? Haçan partlama bolup geçmeli? Siziň raketaňyzyň nyşany—10 000 funt, partlama möhleti—ýylyň aýagyna.

Öz öňüňizde maksat gomak bilen bir ýagdaýy göz öňünde tutuň, köp ýagdaýlarda adamlar örän seresaplydyrlar. Näme üçin? Olar haýsydyr bir gowy zada mynasypdyklaryna ynanmaýarlar. Bu adamlarda özleriniň Meniniň keşbi örän pes derejede durýar.

Şu ýerde goja millioner mysal hökmünde öz durmuşyndan bir wakany şägirdine gürrüň bermek kararyna geldi.

--Mundan birnäçe ýyl ozal öz kärhanalarymyň biri üçin men iş dolandyryjyny işe kabul etdim,--diýip, millioner edil syry aýan edýän ýaly pyşyrdap gürledi.—Men oňa bir ýylda 45 000 funt aýlyk bermäge taýýar diýip karara geldim. Söhbetdeşlikde, haçanda gürrüň zähmet haky barada gidende, ol guraksy, biraz tolgunjaňlyk, hatda buýruk beriji äheňde şeýle diýdi: “Men 30 000-den az boljak möçbere razy bolmaryn.”

Men uzak wagtlap dymdym we edil hamala ylalaşýan ýaly şeýle diýdim: “Siziň derejäňizi göz öňünde tutup, men 30 000-e razy.”

Eger ol menden 35 000 soran bolsa, men bererdim. 40 000 hem, hatda 45 000 hem bererdim. Men söhbetdeş bolmazdan ozal oňa şeýle zähmet hakyny bermmäge taýýardym. Mundan başga-da söhbetdeşlikde ol mende şeýle bir gowy äsir galdyrdy welin men oňa 50 000 begmäge hem taýýardym.

Şeýleleik bilen meniň işe kabul eden adamym birnäçe minutda bir ýylda gazanjak pulunyň 20 000-ini ýitirdi. Bu bolsa az pul däldir. Pikir edip görüň—on ýylda ol 200 000 bolýar!

Näme üçin ol bu pullary elinden gidirdi? Ol özüniň bir ýylda 50 000 funta durýandygyna ynanmaýardy. Diňe ynanmaýardy. Onuň talabyny eşidip, men hatda ony başga iş gözlemäge ibermelimi diýip oýa batyp, binäçe minut ikirjiňläp durdym. Her bir adam özüniň gymmatyny beýlekilerden gowy bilýär. Ol özüniň başarnygynyň we tejribesiniň bary-ýogy 30 000-digini aýdypdy, men bolsa 45 000-e durýan adamy gözleýärdim. Belki-de, men nädogry saylap alandyryn? Gelejek saýlawyň dogrydygyny görkezdi. Men oňat hünärmeni işe alypdym we köp pul tygşytladym. Bu adamyň bärden gaýdýan ýeri onuň özüne ynamynyň ýokdugyndady. Ol özüne kembaha garapdy. Ençeme ýyllaryň dowamynda ol kem-kemden bu meseläni çözdi—men ençeme gezek onuň aýlyk zähmet hakyny galdyrmaly boldum. Ol şol pullara hem degýärdi...

Durmuň biziň her birimiz bilen meniň öz iş dolandyryjym bilen özümi alyp barşym ýaly alyp barýar. Ol bize diňe ondan garaşýan zadymyzy berýär. Köp hem däl, az hem. Mydama-da biz bir zady ýatdan çykarýarys, durmyş bize biziň endik eden zatlarymyzdan ep-esli köp bermäge, biziň göz öňüne getirişimizden hem has köp bermägä taýýardyr.

--Men köp samahylladym,--diýip, goja öz gürrüňini tamamlady.—Siz bu zatlara nähili garaýarsyňyz, ýaş ýiýgit?

-- Olar hakykat bolardan diýseň ýakymly,--diýip, ol aýdylanlaryň ýekeje sözüni-de sypdyrmasa-da, ikigöwünli jorap berip goýberdi.

--Hut şu ýonekeý usul hem meniň millioner bolmagyma ýardam etdi,--diýip, goja belledi.—Ilki maňa, sohra meniň bilen bu syry paýlaşan adamlaryň ählisine. Söz aýratyn güýje eýedir. Adamyň erki nähili güýçli bolsa, şonça-da söz kuwwata eýe bolýar. Olar patyşa permanlary ýaly, ýerine ýetirmek üçin hökmany zada öwrülýärler. Çyňňyr içki ynam bilen dolduryla we mydama gaýtalap ýörmegiň odunda bişişen ynamlar barha we barha çalt keşbe girip başlaýarlar.

--Siziň düşündirişleriňizi diňläp, men bu oýun däldirle diýip pikir etdim,--diýip, myňman goja millioneriň sözüni böldi.

--Mümkin. Taýýarlygy siz görmeli, muny size derek hiç kim etmez. Siz öz formulaňyzy daşyňyzdan azyndan bir günde elli gezek, başarsaňyz ondan hem köp gaýtalap gezmeli. Hatda günde ýüz gezek bolaýsa. Bu oňat türgenleşmekdir. Meniň özümä ilkibaşda düşege süýnüp, barmaklarymy

ýere urup sanaýardym. Ilki bir elimiň barmaklaryny gezekli gezegine, soňra beýleki elimiň barmaklaryny, garaz bäň gezekden urýardym.

--Ylalaşaýyň, ol endigi talap eden bolsa gerek.

--Ilkibaşda maşklar şeýle bir ýönekeý däl ýaly bolyp görünmegi-de mümkin. Size ünsüňizi bir ýere lemlemek kyn bolar. Jümleleri on gezek dagy gaýtalanyňyzdan soň siz başga zatlar barada pikir edip başlarsyňyz. Şonda bu işe täzeden gaýdyp geliň we gaýtadan noldan başlap, ellini sanaýançaňyz dowam etdiriň. Eger özüňizi şeýle ynjyk derejede tertibe salyp bilmeseňiz, onda iň gowusy özüňiziň baýlyk edinmek baradaky arzuw-hyýallaryňyzy taşlaýyň...Ine, men size näme teklip edýärin, meniň dostum. Muny siziň başarjakdygyňyzy men bilýärin. Ýeke-täk gerek zat –tutanýerlilik.

--Formulany daşyňdan gaýtalamak nämä gerek?

--Ol aňa täsirini güýçlendirer. Siziň aňasty aňyňyz daşyňdan aýdylan sözleri daşardan gelen buýryk, ýagny has hökümli ýaňlanýan buýruk diýip kabul edip biler. Edil gargyş ýaly, budda mantrasy ýaly şol bir sözleri birmaňzeş we takyk gaýtalaň. Wagtyň geçmegi bilen siziň formulaňyz öz hususy durmuşy bilen ýaşap başlar.

Eşiden zatlary ýaş ýigide uly täsir etdi. Ýylgyryň millioneriň ýüzünden aýrylypdy, ol, hakykatdan-da, ykbala pal atýan orakul ýaly çynlakaý gürrüň edýärdi.

--Ilkibaşda siziň sesiňiz we gaýtalanylýan formula sizi ýaýdanjaňlyga salyp biler, emma wagtyň geçmegi bilen siz oňa öwrenişersiňiz. Ilkibaşda diýseň ýiti bolup görnen öňde goýlan maksat, elýeterli we hatda ýeňil hem görner.

--Eger haýsydyr bir pursat mende bolup geçýän zatlaryň ählisiniň üstünden gülmek islegi ýüze çykaýsa näme edip bolar?

--Şeýle pursatlarda adaty ýagdaýlardakydan has tutanýerli bolmaly bolýar. Siz müňkürligi ýeňip geçmelisiňiz. Men barada pikir ediň. Men siz bilen her bir pursat, hatda şol pursat öz bagymda—bu ýerden uzaklarda, başga baglarda bolsam-da siziň bilen bolaryn. Men size kömege gelerin. Müňkür bolan ýardaýyňyzda meniň size söz berendigimi ýada salyň. Siziň işiňiz ugruna boklar.

--Siz muňa ynanýaňyzmy?—diýip, ýaş ýigit ynamsyzlyk bilen sorady.

--Men näme üçin ikirjiňlenmeli? Men basym millioner boldum, siz hem bolarsyňyz. Meniň göwnüme bolmasa siz eýýäm bu ýörelgä düşündiňiz we ony kabul edip aldyňyz. Kim oňa düşünýän bolsa, şol hem häkimiýete eýedir, şunda-da durmuşyň syrly kanuny gizlenýär.Muny bilmeklik size erkinlik getirer. Siziň millioner boljakdygyňyz—çözülen mesele. Aňyňyzda siz eýýäm millioner bolduňyz, ine şu has möhümdir.

--Ýöne meniň hasabymda gara şaý ýok...

--Syrly formulany gaýtlaň, şonda kem-kemden üýtgeýändigiňizi dyýarsyňyz. Siziň maksadyňyz size barha we barha tebigy ýagdaý ýaly bolup görner. Ol siziň durmuşyňyüyň bir bölegine öwrüler. Edil şonuň ýaly, siziň şu wagta çenli sizde siziň ýaşamagyňyzyň aýrylmaz bolegi ýaly bolup size görnen, emma iş ýüzünde ol bary-ýogy siziň hyýala getirmeleriňiziň miwesi bolan, munuň üstesine-de ter miwesi bolmadyk, siziň Meniňiziň gelşiksiz keşbi-de şeýledir. Şu wagta çenli siz özüňize başga bir sanawaçlary aýdyp berdiňiz, indi bolsa başgalaryny gaýtalamaly bolarsyňyz. Şunda siz öz gelejegiňizi özüňiziň isleýşiňiz ýaly ýugruma getirersiňiz we özüňiziň ykbalyňyzyň hojaýyny bolarsyňyz. Eýsem bu biziň her birimiziň, hatda sözde munuň bilen ylalaşmaýanlaryň hem iň pynhan arzuwlary dälmi?

Ýaş ýigit duýgulara çümüp oturşyna başyny makullamak bilen atdy. Onuň göwnüne bolmasa gojanyň sözleri onuň başda pikir edişindan has köp mana eýe ýalydy. Elbetde, onuň usuly biraz täsin, ýöne munuň eýsem, eger ol peýda edýän bolsa ähmiýeti barmy näme?

## 12-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ÝIGIDE DURMUŞ WE BAGT BARADA GÜRRÜŇ BERÝÄRLER

**--Indi bolsa, men size ýene bir formulany bereýin, bu gezek hemmeler üçin hem amatly formulany bereýi,--diýip, Basym Millioner öz şägirdine aýtdy.—Ol size ençeme gezek ýardam eder, sizi goldar we siziň bütin durmuşyňyzyň dowamynda bahasyna ýetip bolmajak peýdany getirer. Ol sizi düýbünden üýtgeder we siz hakyky baýlyga ýetňp bilersiňiz. Men diňe maddy gymmatlyklary göz öňünde tutmaýaryn, meniň dijek bolýanzadym has möhüm. Gürrüň durmuňa bolan gatnaşyk barada barýar.**

Maňa bir maslahat bermäge ygtyýar beriň. Meniň usulyýetimiň ýardamy bilen siz özüňiziň maliye maksatlaryňyza ýetip we hatda olardan öte hem geçip bilersiňiz, ýöne baýlyga kowalaşyp bir ýagdaýy unutmaň: eger siz özüňiziň bagtlydygyňyzy duýmasaňyz, onda ähli zady ýitirersiňiz. Pula kowalaşmak ýeňillik bilen hyjuwa öwrülip biler, ol bolsa size durmuşdan lezzet almaga mümkinçilik bermez. Meşhur nakylda şeýle diýilýär: “Eger bütin danýä eýe bolup, aňyny aldyran adamdan ne peýda?” Belki-de, häzir kimdir birine bu mesele sap dini ýa-da metafiziki hadysa ýaly bolup görnüp, gülki döredip biler, ýöne men ynanýaryn: pul—ajaýyp hyzmatkär, ýöne zulumly hojaýyndyr.

--Munuň özi pul bilen bagtyň bilelikde oňşup bilmejekdigini aňlatmaýarmy?

--Beýle zat bolup bilmez, ýöne pul siziň aňyňyzy almaz ýaly mydama hüşgär bolmak gerek. Jon D. Rokfeller dünýädi iň baý adam bolupdy, emma ägirt köp baýlyk ony edil ony öz agramy bilen mynjyradan ýaly edipdi. 50 ýaşynda ol goja ýaly görünýärdi we, eger sypaýyrak edip aýtsak, ölüme buýrulan ýalydy. Ol mydama öz baýlygyny ýitirerin görkusy bilen, ýakyn egindeşleriniň özüne ýamanlyk ederine garaşyp ýaşapdy. Pul onuň hojaýynyna öwrülipdi. Olar oňa hiç hili şatlyk getirmändi. Bu adam oňat günortanlyk nahardan lezzet almaga ukyply adaty edara işgärinden hem garypdy.

--Ilkidaşda siz meni baýlyk bilen öjükdirdiňiz, indem onuň bilen gorkuzýarsyňyz,--diýip, ýaş ýirit aýtdy.

--Men sizi gorkuzmak islemeýärin,--diýip, millioner belledi.—Men size onuň kömegi bilen duzakdan sypyp biljek formulany bermek isleýäri. Şeýle duzaga baýlyga kowalaşýanlaryň köpüsi düşýärler. Adam heniz garyp wagty ýeter-ýetmezlikden çykmak üçin başyny galdyrman işleýär. Haçanda onda ilkinji artykmaç pullar peýda bolup başlanda, onda dessine özünde çuň ornaşan gopbamsylyk oýanyp başlaýar we oňa barha we barha köp baýlyk gerek. Ahyrsoňunda, haçanda ol köp pul gazanyp başlanda, onda bir pursat şol pullary ýitirerin diýip gorky aralaşyp başlaýar.

Meniň formulam örän ýönekeý. Bu formula lukman Emil Kueniň öz häsaglary üçin işläp düzen meşhur formulasynyň bir görnüşidir. Onda şeýle diýilýär:”HER GÜNDEN BAŞLAP, MYDAMA WE ÄHLI BABATDA MENIŇ IŞLERIM BARHA WE BARHA GOWY GIDÝÄR.”Bu jümläni her gün irden we agşamara daşyňyzdan elli gezek gaýtalaň, günüň dowamynda—başardygyňyzça. Siz olary näçe köp gaýtalasaňyz, şonça-da olaryň size täsiri güýçli bolar.

Parasatly goja dymdy. Onuň göz öňünden özüniň uzak, bagtly we wakalara baý ahli durmuşy at çapyp geçip gitdi. Ýaş ýigit öz gapdalynda oturan şu goja gabat gelýänçä, heniz öz ömründe hiç wagt bagtly adamlara duşmanduguna düşüdi.

--Adamlaryň hemmesi-da bagtly bolmak isleýärler,--diýip millioner sözüni dowam etdi,--ýöne olar näme gözleýändiklerini bilmeýärler we hiç bir zat hem tapman ölüp gidýärler. Eger birdenkä tapaýanlarynda hem muny bilip bilmezdiler, sebäbi näme gözleýändiklrini bilmeýärdiler. Bu adamlar biziň düýn gürrüňini eden, baýlyk barada arzuw adýänlere meňzeş: olar baýamak isleýärler, emma olardan garaşylmadyk ýagdaýda bir ýylda näçeräk gazanmakçy bolýandyklaryny sorasaň, jogap berip bilmezler. Nirä barýanyny bilmeýän adam hem nämälim ýerlere-de düşýär.

Ýaş ýigit goja millioneriň näme diýmekçi bolanyna düşündi. Hemme zat diýseň ýönekeýdi. Geň galaýmaly, näme üçin ozal ol bu zatlar barada pikir etmedikä. Bu, megerem, ozal onda aýak çekip oýlanmaga mümkinçiligi bolmandygyndan bolsa gerek. Oýlanup durmaga wagt ýok, ine esasy ýalňyşlyk. Şonda ol öz-özüne mundan beýläk ençeme ýalňyşlyklardan gaça durmak üçin köpräk pikir adip durjakdygyna söz berdi.

--Bagtyň kesgitlemesiniň million gornüşini tapmak bolar,--diýip, millioner sözüni dowam etdi.—Biziň her birimiziň, hatda kim bu meçelaniň üstünde kelle döwýän bolsa, bagt barada öz düşünişleri bar. Ýöne men size kesgitleme hödürlemek islemeýärin, eýsem aňyrsynda bagtyň gizlenýän gapysynyň açaryny bermek isleýärin. Bu açardan islendik adam peýdalanyp biler, ol hemmeler üçin peýdalydyr. Durmuşyň islendik pursatynda siz onuň kömegi bilen anyk, hiç hili ikirjiňlenmesizden özüňiziň hakykatdan-da bagtlydygyňyzy, ozaly bilen—özüňize şatlyk getirýän iş bilen hakykatdan-da meşgullanýandygyňyzy bilip bilersiňiz. Duýdurmak isleýärin: meniň aýtjak zatlarym ilkibaşda sizi alada goýmagy mümkin, hatda ýakymsyz görünmegi-de we belki-de ýerliksiz bolup görünmegi-de mümkin. Şeýlelikde, özüňizden soraň: “Eger şu günüň ahyryna çenli men ölmeli bolsam, ölüm pursatynda öz-özümden şu güne meýilleşdiren işlerimi edip bildimmi diýip sorap bilerinmi?”

Ýaş ýigit geň galmak bilen gaşyny galdyrdy.

--Düşünýän däldirin,--diýip, ol aýtdy.

--Eger siz özüňiziň içki Meniňiziň hasap edişi ýaly bir günde etmeli işleriňizi doly ýerine ýetiren bolsaňyz, onda siz islendik wagt bu dünýäni borjuňy ýerine ýetiren duýgy bilen goýup gidip biljekdigiňizi duýarsyňyz. Ýöne bir zady belläň, hakyky etmeli zadyňyzy edýändigiňize 100 % ynamli boljak bolsaňyz, onda siz öz edýän işiňizi söýmelisiňiz. Eger adam özüne şatlyk getirmeýän iş bilen meşgul bolsa, onda ol bagtly bolup bilmez. Ol uzak günläp öz söýgüli işi barada arzuw edip biler, emma özüni bagtsyz saýyp biler, sebäbi arzuwlar boş hyýallar bolup galýarlar. Eger adam betbart bolsa, ol ölümi islendik wagt garşy almaga taýýar bolup bilmez.

--Men ýaňy ýaşap başladym, siz bolsa maňa ölüm barada edil ol bizden iki ädim golaýda ýaly gürrüň berýärsiňiz,--diýip, ýaş ýigit alada bilen aýtdy.

--Bir zady anyk belläp geçeýin, ilki göräýmäge meniň pelsepäm size ölüm pelsepesi ýaly bolup görner, ýöne bu 100% durmuş filisofiýasydyr. Eger adam özüne hakyky şatlyk getirmeýän iş bilen meşgul bolsa, eger ol öz arzuw-hyýallaryndan ýüz öwürse, onda şeýle adam diri merhuma öwrülýär. Meniň filosofiýama düşünmek üçin özüşize şu sowaly gaýta we gaýta beriň we oňa çyn ýürekdem jogap beriň. Eger ýalan sözleseňiz, siz özüňize ýalan sözleýärsiňiz we bu oýunda utularsyňyz.

Eger siz ertir öljekdigiňizi bilseňiz, özüňiziň şu gün üçin niýetlenen meýilnamalaryňyzy üýtgederdiňizmi? Belki-de, siz galan wagtyňyzda şu güne çenli eden işiňizden başga zatlary etmek bilen meşgul bolardyňyz?

--Anyk bilýän däldirin, ser.

--Megerem, siz muňa taýýarlyk görüp başlardyňyz—eger şu güne çenli etmedik bolsaňyz wesýetnama ýazardyňyz, dogan-garyndaşlaryňz we dost-ýarlaryňyz bilen hoşlaşardyňyz. Ýöne bu adaty işler siziň bir sagatdan köp wagtyňyzy almazdy. Galan 23 sagatda siz näme derdiňiz? Şu sowaly kimi tanaýan bolsaňyz olaryň hemmesine berip görüň. Jogaplaryň ählisini birini sypdyrmazdan iki topara bölüp bolar. Durmuş heç hili şatlyk getirmeýän betbagt adamlar size düýbünden başga zatlar bilen meşgul boljakdklaryny aýdarlar. Müňkür bolup oturmaň, olar hakykary aýdarlar. Eger bary-ýogy 24 sagat ömrüň galan bolsa, onda halamaýan ýa-da ýigrenýän işiň bilen meşgul bolmak nämä gerek diýerler.

Beýleki adamlar—gynansak-da olar azlyk—adatça her gün näme bilen meşgul bolan bolsalar, şonuň bilen hem meşgul bolkakdyklaryny aýdarlar. Olaryň işi—olaryň höwesi, näme üçin olar ondan ýüz öwürmelimiş? Olaryň söýgüli işlerini ömrüniň soňky pursatlaryna çenli dowam etdirjekdigi eýsem düşnükli dälmi?Beýik kompozitor Bah şeýle adam bolupdyr. Ölüm ýassygynda ýatyrka ol özüniň iş soňky eserine düzedişler girizipdir. Elbetde, ömrüň soňky pursatlaryna çenli höwesli işlemek üçin akyldar bolmak hökman däl.Siziň her biriňiz özüňizçe öz ugruňyzda, goý, ol ykrar edilmedik hem bolsun, akyldar ýaly bolup bilersiňiz. Akyldar bolmaklyk näme? Diňe özüňe şatlyk getirýän iş bilen

meşgullanmakdyr. Kim şeýle edýän bolsa şol hem parasatly ýaşaýar. Ortaça adam beýlekiler bir zat diýäýmesin diýen gorky bilen, ynamlylyygyny we durnuklylygyny ýitirmek gorkusy bilen  hiç wagt hem özüniň halaýan işi bilen meşgullanyp bilmez.

--Hyýaly bir zada ynammy?—diýip, myhman suňşurdy.

--Hut şeýle. Özüňize şeýle sowal beriň: eger men ertir ölmeli bolýan bolsam, onda ömrümiň iň soňky sagatlary men näme bilen meşgul bolardym? Meniň ymtylmalarym bilen hiç hili dahyly ýok zatlar bilen meşgullanardymmy? Hut şu sagatlarda-da halamaýan işim bilen meşgullanmagy özümi mejbur edip, özümi doly sylaman, öz özümiň kölegäm bolup galmaga razylaşardymmy?

Siz öz dostuňyzy öýüňize hojalyk işlerinde ýardam etmegi üçin çaryrýarsyňyz diýip hasap ediň. Eýsem siz iň hapa işleri onuň üstüne atarsyňyzmy? Elbetde, ýok. Özüňiz üçin kemsitme hasap edýän işiňiz bilen meşgullanmaga özüňizi mejbur etmek nämä gerek?Näme üçin öz-özüňe ganym duşman bolmaly? Näme üçin özüňe iň gowy dost bolmaly däl?

Şu sözlerden soň otaga ümsümlik aralaşdy.

Biraz dymyp, millioner ýene sözüni dowam edti:

--Eger siz ertir ölmeli bolanlygyňyzda näme ederdiňiz?  Şol ozalky edýän işlriňizi ederdiňizmi?

--Ýok,--diýip, ýaş ýigit boýun almaga mejbur boldy.

--Diýmek siz, has dogrysy, bagtly adam däl. Aýtsaňyzlaň, ertir ölmejekdigiňize aýratyn ynam etmek dogrymyka?

Ýaş ýigit alada galdy. Goja indi birnäçe gezek özüniň gelejegi görüp bilýän aýratyn ukybyny birnäçe gezek aýan edipdi. Eger ol myhmana ölümiň gutarnykly ýakynlaşýandygyny, elbetde, gönüläp aýtmasa-da, duýdurýan bolaýmasyn?

Aljyraňňylyk ýaş ýigidiň ýüzünde şeýle bir aýdyň görünýärdi welin, millionere özüniň şagirdiniň pikirini okamak hem zerur däldi.

--Howsala düşmäň, siz ertir ölmersiňiz,--diýip, goja biraz ýylgyryp aýtdy.—Siz entek gaty garraýançaňyz ýaşamaly we ýaşamaly... Maňa dowam etmäge rugsatb ediň. Sizi bulaşdyrmazlyk üçin geliň bu gezek haýsydyr bir başga ýagdaýa, has umumyrak ýagdaýa seredeliň. Eger siz durmuşa öz pähim-paýhasyňyz gözi bilen seretseňiz, ölüm siziň üçin başga bir mana eýe bolar, emma adamlar, adatça, bu derejä ýetip bilmeýärler. Siziň üçin ähli durmuş öňdedir diýip pikir etmeklik özüňe artykmaç göwiýetijilik bolýana däldir? Ölüm adamyň üstüni duýdansyz hem basyp biler, emma adamlar hyýaly zada ynanmagy müwessa bilýärler. Olar öz öňlerinde entek wagtyň köpdügine ynam edýärler we şol sebäpli-de belli bir karara gelmegi mydama yza çekdirip ýörýärler. Olar özlerine şeýle diýýärler: “Zyýany ýok, entek wagt bar, ýetişerin, bu iş bilen soňrak meşgul bolaryn.” Soňra bolsa garrylyk gelip ýetýär we olar bolsa bary bir hiç zat etmändirler.

--Ine, şonuň üçin-de biz şeýle diýýäris: “Eger ýaşlyk bilsedi, garrylyk başarsady.”—diýip, ýaş ýigit belledi.

--Gynansak-da, bu hakykat! Diýmek, bagtyň syry—her bir güni hamala siziň durmuşyňyzyň iş soňky güni ýaly hasap edip ýaşamak. Her güni, eger siziň sanalgyňuz dolan bolsa, onda etmel, etjek zatlaryňyzy edip, joşgun bilen ýaşamak gerek. Hakykatda bu şeýle hem, biziň sanalgymyz azalýar, emma biz köplenç muny has az wagt galanda, haçanda eýýäm örän giç wagty duýýarys.Sonuň üçin-de size gaýrata galyp, dessine hereket etmek gerek. Şeýle pikir bilen ýaşamaly: “Men söügüli işim bilen meşgul bolmaga başlamazdan ölmek islemeýärin. Men jemgiýetiň meni aldandygy, onuň menden üstün çykandygy, meniň arzuwlarymy puç edendigi baradaky ýakymsyz oýlanmalar bilen ölmek islemeýärin.” Siz gorkynyň arzyw-hyýallardan güýçli çykandygy baradaky, özüňiziň ahyrsoňy hakyky şatlygy bilmän ölýändigiňiz baradaky ýakymsyz duýgular bilen ölmeli dälsiňiz. Batyrgaý hereket etmegi öwrenmek gerek.

--Men ylalaşýaryn, ýagny siziň aýdýanlaryňyz bilen ylalaşýaryn. Ýöne şeýle sowal ýüze çykýar: meniň öz edýän işimi hakykatdan-da halamaýandygyma doly ynamym ýok. Men düýbünden müşgüllikler we kynçylyklar bolmaýan ýekeje-de hünäri bilmeýärin.Eger ähli zat has oňat bolanda biz şu wagt bu ýerde bile oturmazdyk.

--Siz düýbünden mamla. Hatda iň halaýan işiňde-de ýaramaz taraplary bolýar. Sizň hakykatdan-da öz işiňizi halaýandygyňyzy bilmegiň ýene bir usuly bar. Özüňizden şeýle diýip soraň: “Eger ertir meniň bank hasabymda million funt sterling peýda bolsa, men öz işim bilen ýene-de meşgul bolardymmy? Eger siz “Ýok” diýip jogap berseňyz, onda siz öz işiňizi çyn ýürekden söýmeýärsiňiz. Eger birden millionere öwrülseler köpler öz işinda galarmydy diýmegiňiz mümkin. Öran az adam galsa gerek. Ýere gelende bellesek, “Hawa” diýenleriň köpüsi eýýam baý adamlar boldular. Adatça adam köp möçberdäki puly edinip, ir dynç alşa gidýär ýa-da meşgullanýan işini çalyş’ýar, emma meniň tanaýan millionerlerimiň hemmesi diýenýaly dynç alşa gitmeýärler we has goja ýaşlara ýetýänçäler işlemeklerini dowam etdirýärler. Men hatda şeýle diýerdim, ähli millionerler diýen ýaly, eger öz baýlygyny miras alan adamlary ýa-da ony şowly nika esasynda edinenleri hasaba almasaň, diňe öz edýän işlrini söýendikleri sebäpli baýapdylar.

--Ynha-da meniň pikir ýöretmelerimiň halkasy bileşdi,--diýip, goja sözüni dowam etdi.—Millioner bolmak üçin ýa-da, iň bolmanda, baýamak üçi siz öz işiňizi söýmelisiňiz. Kim özüniň halamaýan işi bilen meşgul bolýan bolsa ol iki esse temmi alýar. Iş diňe bir olary surnykdyrmaýar, eýsem, has ýaramaz ýeri, ol hatda olara maddy bolçulygy-da getirmeýär. Nahili geň görünse-se, adamlaryň köpüsi öz durmuşyny hut şýle hem geçirýärler. Näme üçin? Olar üstünligiň hakyky kanularyny bilmeýärler. Şeýle hem gorky zerarly olar öz durmuşynyň günlerini biderek harçlaýarlar, durnuklylyga ýapyşyp, hakykatdan-da baý bolmagyň mümkinçiliklerini elden giderýärler. Olar özlerini baýlygyň beýlekiler üçin niýetlenendigini, munuň üçin bolsa olarda zehin ýeterlik däl diýip özlerini ynandyrypdylar.Siz nähili pikir edýärsiňiz, näme sebäbe görä olar özlerini aldamaga ýol berdiler we hyýaly zada ynandylar? Hakyky zatlary görerden, hakykaty hyýaly zatlardan tapawutlandyrardan olaryň aňy ýeterlik güýçli däldi. Häsiýetiň ykbala kybapdaşdygy baradaky sözleri siz entek unudan dälsiňiz? Öz aňyňyzy berkidiň,

şonda bolaýmaly ýagdaýlar siziň hyjuwyňyzyň öňünden sowlar. Öz durmuşyňyzy özüňiz gözegçilikde saklarsyňyz.

--Aýtsaňyzlaň, eýsem siz mydama bagtly bolupdyňyzmy?—diýip, ýaş ýigit sorady.

--Dogrymy aýtsam, bolmandym. Meniň hem agyr günlerim bolupdy. Kähalatlarda men hatda özümi öldürmek barada hem pikir edipdim. Bu ýagday ajaýyp günleriň birinde üýtgeşik bir adama—millionere duşýançam dowam etdi. Ol meniň size häzir gürrüň berýän zatlarymyň ählisini diýen ýaly öwretdi. Ilkibaşda me onuň sözlerine ynanmandym, bu taglymatyň meniň ýagdaýymda ulanyp boljakdygyna men ynanyp bilmedim, ýogsam bu adamyň durmuşynyň özi onuň usulynyň işleýändigini tassyklaýardy. Ýöne şol döwre çenli men eýýäm ähli ugurlary synap görüpdim we işi şowsuz adam bolup galypdym, şonuň üçin=de synanyşyp görmek isledim. Bary bir men hiç zady ýitirmeýärdim. Men eýýäm 30 ýaşymdadym, men öz ömrümi biderek geçirýändigimi duýýardym. Ol suw gyzymlan ýaly elimden sypyp gidip barýardy.

--Ýöne siz bu gün şol geň gojanyö maslahatyna gulak asandygyňyza ahmyr edýän dälsiňiz?

--Ol meniň özümiň özüme hojaýyn bolup biljekdigimi, özüm bilen bolup geçýän ähli zatlary gözegçilige alyp biljekdigimi tükeniksiz tekrarlaýardy. Men ynanmaýardym. Onuň sözleri meniň üçin ylmy fantastika ýaly bolup görünýärdi. Ýöne ol bu sözleri ýene we ýene-de gaýtalaýardy we ahyrsoňy men özüme şeýl;e diýdim: “Eger goja mamla bolsa näme? Eger durmuş meniň şu wagta çenli pikir edip gelşim ýaly däl-de, başgaça bolaýsa, belki ol belli bir derejede öňünden bilip bolmajak we gözegçilige alyp bolmajak, şowlulygyň we ykdalyň höküm sürýän zynjyry däl bolsa näme?” Eger adam aňyny türgenleşdirip başlasa onuň öz ykbalyny dolandyryp biljeldigini duýdum. Meniň aňymda özgerişler bolup geçdi, ýöne ol diňe haçanda meniň halypamyň maňa beren formulasymy gaýtalamaga belli bir wagt sarp edenimden soň bolup geçdi: “Her günden başlap, mydama we ähli babatda meniň işlerim barha we barha gowy ýola düşýär.”

Bu sözleri her gün gaýtalaň we mümkin boldugyça ýygy-ýygydan. Olar size ruhy asudalyk we ünjüsizlik duýgusyny berer, onsuz bolsa durmuş kynçylyklaryny ýeňip geçmek mümkin däl. Haçanda meniň halypam bu formulany maňa berende, ol dünýäniň ähli syrlarynyň içinde bu syr iň gymmatlysydyr diýipdi. Ol bu hazynan maňa beripdi, men bolsa ony size berýärin. Men hiç wagt hem bu formulany gaýtalap ýörmegi we özümiň halupamyň masalahatlaryna uýmagy bes etmedim. Men indi sizden hem şoňa garaşýaryn.

## 13-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ÝIGIT ÖZ ISLEGLERINI TASA GETIRMEGI ÖWRENÝÄR

**--Siz ilkingi ädimiňizi ätdiňiz,--diýip, millioner ýaş ýigide ýüzlendi.—Men formulany we pul möçberi we söňky möhlet hökmünde öňde goýlan mukdar maksady göz öňünde tutýaryn. Indi ikingi ädimi ätlemegiň wagty geldi. Bir list kagyz alyň we durmuşda näme isleýän zadyňyz bolsa**

**şoleryň ählisini ýazyň. Hakykata öwrülmek üçin arzuw-hyýallar anyk bolmalydyrlar. Meniň özümä ilkibaşda şu aşakdakylary sanawa girizdim:**

* 300 000 dollarlyk öý.

*  20 000 dollara köneräk “Mersedes”. 30 000 dollara täze BMW.

*  Hiç hili bergiň bolmaly däl.

* 200 000 dollar nart pulda we beýleki ýerlenip bilinjek aktiwler.

* 200 000 dollar aksiýalara we beýleki maýa goýumlary.

Islegleriň sanawy siziň nähili adamdygyňyzy aýan eder. Siz özüňiziň islegleriňiziň takyk görnüşini görersiňiz. Adamyň pikirleri görnüşe eýedir, olar janlydyrlar, her bir aýdylan pikir amala aşmaga we hakykata öwrülmäge  ymtylýar. Pikir näçe anyk görnüşe eýe bolsa, şonça-da onda durmuşa ornaşmana mümkinçilik bar. Gör, bölekler nähili möhüm. Eger anyk bir pikiri mydama götergiläp ýörseň, onda ol iň bir garaşylmadyk ýagdaýda we hatda syrly ýol bilen özüniň amala aşmagy üçin şertleri döreder.

Ýaş ýigit ynamsyzlyk bilen öz halypasuna seretdi, ol bolsa dowam etdi:

--Düşünýärin, bularyň bary hyýaly zatlar ýalydyr. Meniň ozal hem belläp geçişim ýaly, siziň aňyňyz näçe güýçlendigi saýy, şonça-da siz  onuň başaryp bilmejek zadynyň ýokdugyna ýokary derejede syzýarsyňyz. Siz adam aňynyň adatça adamlaryň pikir edişlerinden ençeme esse güýçlidigine ynanmaýarsyňyzmy? Ýada salyň, Hristos—Isa pygammer ynam daglary süýşürip biler diýýärdi.

Myhman bir söz aýtmaga hem ýagdaýy bolman dymyp otyrdy.

--Ozaly bilen akylyň güýjüne ol netijeli işlär ýaly ynanmak möhümdir. Iň bolmanda siz özüňizi ynama tarap ugrukdyrmaga borçlysyňyz. Ýüwrüge mümkinçilik beriň we öz sanawyňyzy düzüň. Eýsem siz şu wagta çenli hem bu ýönekeý maksatlara öz ömrüňiziň dowamynda doly ýetip biljekdigiňize düşünmeýärsiňizmi?

--Maňa pikirlenmek gerek,--diýip, ýaş ýigit garşy çykdy.

--Örän gowy. Edil meniň şu wagt aýdan zatlarym barada oýlanyň. Siziň aňyöyzyň haýsydyr bir bölegi eýýäm maňa ynanýar. Beýleki böleginiň bolsa ýeterlik bilimliligi we şowsuz tejribe sebäpli gözleri daňlgy we agyzlary bagly. Ýöne aňyňyzyň bu bölegi diri! Ol siziň hyşan bildirmegiňize, oýadaryňyza garaşýar. Bu inçe, çalaja eşidilýän, öz durmuňyna hojaýyn we jenap bolmak üçin özüňiziň aňyňyzyň jümmüşinde uklap ýatan içki sesiňize gulak asyň, onuň gulçulykdan surnugan, ýagdaýlardan basgylanan zaryna gulak asmaň. Oňa erkin içini dökmäge mümkinçilik beriň. Meniň formulalarymy näçe köp gaýtaladygyňyzça, şonça-da bu ses gaty we güýçli eşidiler, şonça-da ol sizi ynamly ugrukdyrar. Bu siziň düşbüligiňizdir, bu siziň içki dünýäňiziň sesidir, özünize hökümdarlyk etmegiň syryna alyp barýan ýoldur.

Bu sözlerden başy aýlanan ýigide dynç alamak zerurdy.

--Ýörüň baga gideliň,--diýip, millioner teklip etdi.—Gezelenç ederis, dynç alarys. Gowy dostum bilen iň soňky gazak bagda höwes bilen gezim edeýin.

--Bu gussaly sözler ýaş myhmany hasrata batyrdy. Eýýäm ençeme gezek goja edil...hamala ozüniň ölüm pursaty indi uzakda däldigini bilýän ýaly yşarat edipdi.

## 14-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ÝIGIT ÖZI ÜÇIN GÜLLI BAGYŇ SYRYNY AÇÝAR

**Goja we ýaş ýigit seslerini çykarman bagyň içi bilen ýöräp barýardylar. Millioner ajaýyp güllere büreniň oturan gül çogdumynyň ýanynda saklandy, güljagazüň üstüne egildi we pikire çümdi. Birnäçe wagtdan soň dikelip, şeýle diýdi:**

--Men ömrümde müňlerçe gezek bägüli ysgap gördüm we her gezek hem olar täzeçe ys saçýarlar. Bilýäňizmi, näme üçin? Men şu ýerde we edil şu wagt ýaşamagy öwrendim. Geçmişi unutmak gerek, gelejek barada pikir etmek gerek däl. Bu örän ýönekeý. Ähli syr—pikiriňi bir ýere jemlemekde. Siziň aňyňyz näçe bir ýere çugdam bolsa, şonça-da ol şu ýerde we edil şu wagt ýaşaýar, munuň üstesine-de ol meşgul bolýan isine ähli ünsüni gönükdirendir. Ünsüňi bir ýere jemlemek—durmuşyň ähli ugurlarynda üstünlige eltýän açardyr. Siz näçe oňat ünsli bolsaňyz, şonça-da çalt we netijeli işlärsiňiz, sebäbi beýlekileriň görmedik zatlaryny görersiňiz.

--Üstünlige we baýlyga eýe bolanlaryň hemmesi, eýsem, ownuk zatlara üns bermegi öwrendilermikä?

--Eklbetde. Ünsüňi bir ýere jemlemek ukybyňy artdyrmak bilen, siz delilleri bellige almagy we parasatly netijelere gelmegi başararsyňyz, bir bakyşda adamlaryň kimdigini kesgitläp, olara takyk baha bermegi öwrenersiňiz. Siz sözüň hakyky manysynda, iň bolmanda bu sözüň çuň manysynda durmuşa sagdyn göz bilen garaýan adam bolarsyňyz. Siz ähli zady bolşy ýaly görersiňiz. Pikirleriň örtügi we hyýaly düýşleri siziň dünýä göz ýetirmegiňize mundan beýläk päsgel berip bilmez. Adamlar, adatça, mydama başga zatlar bilen meşgul bolýarlar we durmuş ýoly bilen, edil lunatikler ýaly, ýolda duş gelýän zatlary-da, adamlary-da aňman ýöräp barýarlar. Olar edil düýşde ýaly ýaşaýarlar, olar hüç wagt hem häziki günde, "şu ýerde we şol wagt" bolmaýarlar,--diýmek, has dogrulap aýtsak, olar düýbünden ýok. Bu adamlary mydama ýalňyşlyklar we şowsuzliklar yzarlaýar, olaryň aňy gelejegiň öňünde gorkudan baglanan.

--Meniň göwnüme bolmasa, ünsüňi bir ýere jemlemek—biziň taglymatymyzda iň ýönekeý baglanyşyk bolsa gerek.

--Seresaplyrak, ýaş ýigit. Ünsüňi bir ýere jemlemegi öwrenmek şeýle bir ýeňil hem däl, ol hemmelere başardaýanok. Ýöne, haçanda aň ünsi bir ýere jemlemegiň belli bir derejesine ýetende, adam müşgüllikleri çözmegiň täsin ukybyna eýe bolýar. Ýok, siz gaýgy-aladasyz bolmarsyňyz, siz diňe hakykata daýanýan adam bolarsyňyz. Müşgüllikler sebäpli gijelerine ýatman we dyrnagyňyzy gemrip, öz gaharyňyzy getirip oturmagyň ýerine, siz diňe olary çözmegiň ugruna çykarsyňyz. (Ýatda saklaň, kim müşgüllikler üçin alada galýan bolsa we has gaýgy edýän bolsa, olary çözmäge ukyply däldir. Munuň üstesine-se, ol aşgazanyň baş keseline duçar bolup ýa-da infarkt alyp biler!). Özüňize düşünmegi başarnygyňyz hem üýtgär. Her bir adam—açylmadyk syrdyr. Esasy mesele biziň hemmämiz diňe beýlekiler üçin däl, eýsem özümiz üçin hem açylmadyk syr, bularyň ählisi-de ünslüligiň ýetmeýanligindendir.

Ýaş ýigit bir sözi-se sypdyrmajak bolup, millioneriň sözüni bölmäge milt edip bilmedi. Ol bolsa dowam etdirdi:

--Bir ýere ünsi jemlemek netijesinde siz näme üçin durmuşda şol duran ýeriňizde durandygyňyza düşünersiňiz. Bu sowala jogap siziň üçin barha we barha düşnükli, barha we barha ýönekeý bolup başlar. Siziň aňyňyza kanagatly, ynamly pikir girip başlar we siz uzaga çeken çuňňur ukydan soň bolşy ýaly şeýle diýip, gygyrarsyňyz: “Ähä, gör, men kim ekenim! Gör, näme üçin şu pursat men bu ýerde! Gör, men öz islän zadymy edýärin! Gör, näme üçin  meniň ýanymda ol ýa-da beýleki bi adam!” Bu duýgyny ykbal duýgusy diýip atlandyryp bolar, siz öz ykbalyňyza düşünersiňiz we siziň aňyňyza kabul edijilik duýgy kürsäp girer. Men siziň ykbala ornuňyzy berersiňiz diýiň aýtmaýaryn, emma haçanda siz şu pursat durmuşda öz ornuňyzy takyk göreniňizde, siz belli bir derejede ony kabul edersiňiz—siz haýsy ýerden bat alýandygyňyzy görersiňiz we bu bolsa size özüňiziň mundan beýläkki ösüş basgançagyňyzy ugrukdyrmaga we ykbalyň üstünden hökmurowanlygy öz eliňize berk almaga ýardam eder.

Millioner dymdy we ýene-de ýakymly ysy ysgamak üçin gülüň üstüne egildi.

--Örän gadymy döwürlerden bäri bägül durmuşyň alamaty bolup gelýär. Haçanda siz özüňiziň aňyňyza gözegçiligi doly ýola goýanyňyzda munuň näme üçin beýle bolandygyna düşünersiňiz. Pytanak—munuň özi durmuş tejribesi, synaglaryň we betbagtlyklaryň ýoludyr, ony bolsa biziň her birimiz durmuşyň hakyky gözelligine düşünmek üçin başymyzdan geçirmelidiris.

Bu sözleri aýdyp, ol jübüsinden bag gaýçysyny çykardy we bägüli ýolup, ony şägirdine uzatdy.

--Ony bütin ömrüňiz özüňizde saklaň,--diýip, goja aýtdy. Ol siziň tumaryňyz bolar, size üstünlik getirer. Onuň Alyjenaby Şowlulyk  hakykatda-da bar, ýöne, elbetde, muny hemmeler bilmeýärler. Oňa ynanyň. Ony öz pikirleriňiz bilen sypalaň, ondan islän zadyňyzy soraň, ol jogap berer. Üstünlik gazanýan adamlaryň ählisi-de şowlulyga ynanýarlar we, goý, kimdir biri olary yrymçyl hasap etse-se, olar mamla.

Şu güljagaz bilen men sizi Bagül Ordenine kabul edýärin. Her gezek, haçan zerur hasap etseňiz, ony tapyň, ol size kuwwat-güýç berer. Her gezek, haçan özüňiz barada müňkürlük dörese, haçan

durmuş size çekip-çydap bolmajak derejede görünse, şu simwoliki bägüle dolanyp geliň we onuň size nämäni aňladýandygyny ýada salyň. Her bir synag, her bir müşgüllük, her bir ýalňyşlyk bir gün ajaýyň gül ýaprajygyna öwrüler. Hasrat çejmeklik, uzyn we ýiti puntykly baldak kimin, ýagtylyge we gözellige alyp barýar. Her gün bägüliň ýüreginde öz ünsüňizi jemlemek üçin biraz wagty oňa sarp ediň. Eger gol astynda gül ýok bolsa, islendik güljagazda, gara tegmilde ýa-da ýalpyldaýan bir zatda ünsüňizi jemläň. Güle ýa-da gara tegmile gözüňizi aýyrman barha we barha köp seredip duruň. Haçanda gözüňizi aýyrman 20 minut töweregi seredip durup bilseňiz, siziň ünsüňiz beýik derejä ýeter. Haçan siziň ýüregiňiz şu gül ýaly bolanda, siziň bütin durmuşyňyz özgerer.

Ýaş ýigit güli ysagp hem etişmänka, millioner öz sözüniň üstüne goşdy:

--Syryň akyl ünsüniň jemlemesindedirini ýene-de bir gezek gaýtalamaga rugsat ediň. Ünsüňi bir ýere jemlemek maşklarynynyň kömegi bulen siziň aňyňyz güýçli we özüne ynamly bolar we durmuşşgüllikleriniň indi size hökmürowanlyk etmeýändigini aňarsyňyz. Şonda siz meniň şu wagt aýtşak zadyma düşünersiňiz. Göý, ol size eýýäm mälim we lenç edilen bolup görünmesin. Müşgüllik haçan müşgüllik bolýar, haçan siz ony müşgüllik hasap edeniňizde.

Bu nämäni aňladýar? Islendik waka, eger siz ony düýpli we halulat ýüzünde ähmiýetli hasap etmeseňiz, ol siziň gözüňiziň alnynda düýpli-de, hakyky ähmiýetli-de bolmaz. Müşgüllikler siziň aňyňyz näçe gowşak bolsa, şonça-da olar uly we ýeňip geçip bolunmajak ýaly görner. Aň näçe güýçli bolsa, şonça-da siziň müşgülllikleriňiz has ähmiýetsiz görner. Şonuň üçin hem ünsüňizi bir ýere jemläň. Ünsüňi bir ugra jemlemek—üstünligiň möhüm düzümleriniň biridir.

Millioner we onuň ýaş gürrüňdeşi öýe tarp ugradylar. Asman birdenkä gara buluda bürendi, ýogsam edil ýaňyrak hem gün ýalpyldap çykyp durdy. Tupan ýakynlaşýardy. Öýde ýeýle bir garaňkydy ýelin, çyrany ýakmaly boldy. Goja şemdanda oturdylan şemleriň ýedisini otlady we otag, muhmana lezzet berip, dessine romantik görnüşe eýe boldy. Hojaýyn pengiräniň ýanyna bardy. Ol şemele galgaýan tutyny düzedişdirdi, asmana seredip hem şeýle diýdi:

--Mydama ýatda saklaň, belli bir belentliklerde hiç haçan hem bulut bolýan däldir. Eger siziň durmuşyňyzda bulutlar günüň öňüni tutýan bolsalar, onda bu ýagdaý siziň ruhuňyzyň ýeterlik derejede ýokary galmandygyny aňladýandyr. Adamlaryň ählisi diýen ýaly şol bir ýalňyşlyklary gaýtalaýarlar—olar müşgüllikler bilen göreşýärler. Bu bolsa bulutlary dargatjak bolmak ýaly bir zatdyr. Belki-de olary biraz wagt dargadyp hem bolar, ýöne olar ýene-de dessine gaýdyp gelerler we ene-de günüň alyny tutarlar. Siz bulutlaryň üstüne mydamalyk çykmalysyňyz. Bägüliň ýüregine barha we barha köp wagtlap serediň we siz hiç wagt hem bulut bolmaýan,  mawy asmanda mydama gün çykyp duran belentliklere tarap barýan ýoly ýoly tapyp bilersiňiz. Edil şol pursat ýene gaýdyp geläýjek bulutlary kowmaga wagtyňyzy sarp etmäň.

--Belki-de, siz häzirlikçe hemme zada düşünen hem dälsiňiz,--diýip, ol sözüni tamamlady,--ýöne meniň sözlerimi kabul ediň we olara ynanyň.

Goja millioner we ýaş myhman günortanlyk nahar edinmek üçin oturgyçlara geçip oturdylar.Hyzmatçy geldi we stola çakyr we çörek goýuşdyrdy.

--Mende edil şu wagt bir sowal ýüze çykdy,--diýip, ýaş ýigit aýtdy, ýogsam, gönüläp aýtmaly bolsa bu sowal düýnden däri ony biynjalyk edýärdi.—Men siziň aýdan zatlaryňyzyň hakykatdygyna ynanýaryn. Men siziň syrly formulaňyzyň kömegi bilen millioner bolup biljekdigime we içky dünýäme aralaşjakdygyma ynandym. Ýöne bir zady bellemeli, meniň haýsy ugurda işlemelidigim barada hiç hili düşünjäm ýok.

Millioner hezil edip güldi.  Näme üçindir bu adatdan daşary çynlakaý sowal ony güldürdi.

--Durmuşa ynanyň, özüňiziň aňyňyzyň güýjüne ynanyň,--diýip, aýtdy.—Howsala düşmäň. Ilkibaşda öz öňüňizde maksat goýuň, soňra bolsa özüňiziň aňasty aňyňyza özüňizi ugrykdyrmagy naýyş ediň. Sowal beriň we garaşyň. Jogap uzak garaşdyrmaz.

Ýaş ýigitdiň jogapdan göwni suw içmedi. Ol has anygrak bir jogaby eşitmek isläpdi.

Millioner edil şägirdiniň pikirlerini okaýan ýaly, oňa duýgudaşlyk bildirýän ýaly baş atdy we dessine şeýle diýiň sözüniň üstüni ýetirdi:

--Ilki bilen siziň özüňize ýaraýan işi tapmak gerek. Siziň söýgüli hünäriňiziň ähli jemi eýýäm sizde bar. Siz häzirlikçe muny aňmaýarsyňyz, sebäbi özüňiziň hakyky tebigatyňyz bilen bir tolkuna düşüp bilmediňiz. Tutanýerli ünsüňizi bir ugra jemlaň we aňyjylyk size öz-özünden aralaşyp başlar, soňra bolsa jorap hem taýýar bolar. Adamlaryň köpüsiniň bütin ömürleriniň dowamynda bir zatlary gözleýändigine, hiç bir zady tapyp bilmän bolsa durmuşyň manysyz zatdygy barada netijä gelýändiklerine düşünersiňiz. Siz  öz ýaşaýyş durmuşyňyzyň syrly manysyny bilersiňiz, siz oňa diňe paýhasyňyz bilen däl, eýsem tutuş kalbyňyz bilen düşünersiňiz. Wagtyň geçmegi bilen siz muňa düşünersiňiz.

--Ýöne öz işime başlamak üçin puly men nireden almaly?—diýip, ýaş ý igit sorady.—Mende hatda eke şaý hem ýok.

--Size näçeräk pul gerek?

--Bilmedim. Iň bolmanda on müň—size başda gerek bolan pul ýaly bolaýsa.

--Eger siz gözleseňiz bu puly tapyp bilersiňiz. Siziň pikiriňizçe, munyň näçeräk bariantlary bar?

--Dogrymy aýtsam, ýeke bariant hem görmeýärin. Hiç bir bank hem maňa karz pul bermez, sebäbi mende zamynçy ýok. Aýyň aýagyna çenli meniň zähmet hakymdan hiç zat galmaýar diýen ýaly. Mende hiç zat ýok, hatda ulag hem...

--Siz ozal kars pul almaga synanyşyp görüpmidiňiz?

--Ýok, ýöne men bilýärin...

--Siz bu ýalňyzy indi gaýtalamaly däl. Hiç haçan hem söweş etmezden boýun bolmaly däl. Munuň özi hiç wagt we hiç hili işi etmezligiň, çigit ýaly-da üstünligi gazanmazlygyň iň gowy usulydyr. Bary bir hiç bir netije bolmaz diýen pikir bilen hereket edip, başga-da bir duzaga düşäýmäň. Şeýle etmeklik ozalbaşdan utuljakdygyňy aňladýar. Öz pikirleriňizi we hereketleriňizi sazlaşyga getiriň, öz-özüňiz bilen szlaşykda boluň.

--Men isleýänemle, ýöne meniň müşgülliklerim bary bir çözülenok. Elbetde, men mydama synanyşyba biljek...

--Siz çözgüdiň bardygyna—siziň müşgülligiňiziň ajaýyp çözgüdiniň bardygyna bark ynam bilen başlamaly. Aňyň güýji we siziň maksadyňyzyň jadyly güýji çözgüdi hökman tapar we muny siziň asla garaşmadyk ýoluňyz bilen amala aşyrar. Üstünlik gazanjakdygyňyza pugta ynanyň, şonda üstünlik geler. Müňkürlige hiç hili ynam goýmaň, aňyň ukyply ähli başarnygy bilen ony kelläňyzden kowuň. Müňkürlyk—gara güýçleriň aýrylmaz bir bölegidir, ynamly bomak bolsa ýagtylyk şalygyna we durmuşa degişlidir. Bu iki güýç mydamalik gapma-garşylykda bolýarlar. Siz müňkürlik bilen tutanýerli söweşmelisiňiz. Müňkürlik hem oý-hyýaldyr, ol beýl;eki oý-pikirler ýaly maddylaşmaga ymtylýarlar. Eger siz karz aljakdygyňyza doly ynanýan bolsaňyz, onda alarsyňyz…Siz karz aljakdygyňyza ynanýaňyzmy?

--Hawa. Siz meni ynandyrdyňyz.

--Özüňiziň häzirki ýagdaýyňyzda maksadyňyza ýetmek üçin, ýagny karz almak üçin siz näme ederdiňiz?

--Bilemok.

--Eger sizde öz işiňiz açmak üçin on müň funt başlangyç maýa edinmek üçin biraz wagt,--diýeliň bir sagar,--bar bolan bolsa, siz näme edetdiňiz?

--Bilýän däldirin...

--Edil şu wagt siziň öňüňizde sizi bu işlere ynandyran we goltgy beren, siziň üçin üstünligiň syryny açan millioner otyr, siz bolsa şonda-da näme etjekdigiňizi bilmeýärsiňizmi? Siziň kelläňize hiç bir pikir gelmeýärmi?

Şol pursat ýaş ýigit ghojanyň nämä kakdyrýandygyna düşündi. Eýsem ondan talap edilen zat diňe millionerden karz pul soamakmydy? Ikirjiňlese-da, ýaş ýigit karara geldi.

--Siz maňa on müň karz pul berip bilermisiňiz?

--Ine gördüňmi. Ýeňil gerek? Diňe zerue zat—soraýmaly, emma adamlar hiç wagt hem soramaga milt edip bilmeýärler. Size soramaga ýürek edip bilmegi başarmak zerur.

Goja jübüsinden on müň funt –onuň üçin şeýle bir uly bolmadyk, emma adaty adamlar üçin diýseň kän, millioneriň jübi puluny çykardy. Daşki dünýäden çetleşdirilen ýaly ýagdaýda ýaşaýan millioner ol puly bary bir sowmaly bolmandy.

Ol bir daňy pula gynanýan ýaly seretdi, emma bu bakyňda hiç hili ahmyr ýopkdy we ol puly öz şägirdinr berdi. Ol puly tolgunmakdan birhili titräp aldy. Ol heniz ömründe şunça puly elinde saklap görmändi.

--Siz, belki, bu pul size aňsatlyk bilen ýetdi diýip pikir edýünsiňiz,--diýip goja aýtdy.—Ýöne maňa ynanaýyň, sizde gelejekde-de pul tapmagyň agyr boljakdygy barada alada etmäge esas ýok. Gynansak-da, adalar adatça şeýle pikir edýärler. Pul üçin köp we örän agyr zähmet çekmek gerek diýip, olar aýdýarlar. Ýöne iş ýüzünde zähmet diňe adamy köpräk pikirlenmäge mejbur edip, aňyň güýjüni we gujurlylygyny berkidýändigi üçin möhümdir. Haçan siz köpräk pul gazananyňyzda—eger siz meniň usulymy ulansaňiz, bu ýagdaý çalt bolup geçer,--siziň gatnaşygyňyzyň, siziň pikir gurluşyňyzyň, islegiňiziň güýküniň we ony maksadyň pul manysynda aňladylan, anyk güýjiniň kömegi bilen ugrykdyrmak ukybyňyyzyň mşhümdigine düşünersiňiz. Kim bu düzgünleri äsgermezlik etse, adatça, şowsuzlyga uçraýar we gününi dolamak üçin agyr ýa-da halamaýan işi bilen meşgul bolmaga mejbur bolýar. Ýatda saklaň, daşky ýagdaýlar diňe siziň aňyňyzyň ýagdaýynyň şöhlelenmesidir, siziň çuňňyr ynanjyňyzyň tebigatynyň şöhlelenmesidir.

Edil şu wagt eýe bolan karz puluna şatlykdan joşýan ýaş ýigit goja halypasynyň parasatly sözlerini diňe ýarym gulak diňleýärdi.

--Şeýlelikde, ýagşy ýigit, haçan size pul gerek bolsa näme etmelidigini ýatda saklaň: eger siz ony aňsat we çalt taparynöýdüp ynansaňyz, şeýle hem bolar. Eger siziň aňyňyza iň bolmanda sähelçe-de mükürlik aralaşsa, şu wagt eliňizde saklaýan on müň funtyňyz barada ýatlaň. Diňe soramak gerek. Dessine soraýan zadyňyzy alyp biljekdigiňize berk ynanyň, siz ony eýýäm alandygyňyz we hakykatda alandygyň barada oýlanyň. Ýatda saklaň, biziň çuňňur ynançlarymyz mydama-da durmuňa geçýär.

--Eger men müňkür bolup başlasam näme?

--Müňkürlikden saplanmagyň iň gowy usuly—öz-özüňe ynandyrmgy ulanmak we gatşylyklaýyn ynandyrmalary gaýtalap, garşylyklasyn maksatlary döretmek. Öz sözleriňizi patyşalaryň permenleryna öwrüň. Haçan siziň aňyňyz ýeterlik güýç toplanda, her bir pikir-hyýallaryňyz buýruga öwrüler we şonda sözler we hakyky durmyş bütewi bir zada öwrüler.Buýruklary ýerine ýetirmek üçin zerur wagt barha we barha gysgalar we ahyrsoňy olar dessine ýerine ýetirilip başlar. Şol wagta çenli siz hakykatdan-da özüňize erk etmegi öwrenersiňiz. Siz öz paýhasyňyzyň hökümdary başga adamlara zeper ýetirmäge ukyply pikirlerden saplanmak üçin hem bolmalysyňyz. Beýlekileriň hem abadançylyry üçin oňyn pikir etmegi öwreniň we şonda siziň sözleriňiziň güýji hiç wagt hem siziň agrşyňyza öwrülmez.

Millioner ýene-de gysgajyk arakesme etdi.

--Bu pullar,--diýip, ol daňy;gy pul desselerini görkezip, sözüni dowam etdi,--umumna, ol karz däl...

Ol uly bir täsir doredip biläýjek sözleri seljerýän ýaly bitnäçe sekynd dmdy.

--Bu karz däl...Bu meniň size sowgadym,--diýip, millioner aýtdy.—Ine-de, halka ýapyldy. Bir döwür bu pullary maňa meniň halypam men öz işime başlar ýaly beripdi. Siz hem bu puly hiç bir zat üçin ulanmaň. Injiliň nesiňatly hekaýatlaryndaky ýaly gahrymanyň ýalhşlyklaryny gaýtalamaň, ol bolsa bilýän bolsaňyz öz pullaryny özüne işletmegiň ý erine olary ýere gömýär. Kim şeýle edýän bolsa ýene bir, has ýaramaz ýalňyşlygy edýär: olar gorka özlerini itmäge ýol berýärler. Gorky müňkürligiň dogany—siziň ganym duşmanyňyz. Siz ony ýeňmäge borçlysyňyz. Edermen we batyr boluň. Kim gazanan pulyny gizleýän bolsa, goý, hatda islendik zerur bähbitler üçin bolsa-da, olara mynasyp däldir. Ol pula mynasyp däl, ol megerem haçan-da bolsa bir wagt oňa eýe bolup bilmez, sebäbi durmuşyň iň bir ajaýyp kanunlaryny—bolçulyk kanunyny bozýar. Köpelmek üçin pullar erkin akmalydyrlar.

Ýaş ýigit jomart adamyň sözlerinden eýe bolan sowgadyndan az lezzet almady.

--Näme-de bolsa, meniň beren bu pullarym düýp esasynda karz diýip hasap edäýmeli. Haçanda bolsa bir wagt siz hem, öz gezegiňizde, bu puly kimdir birine berersiňiz. Ençeme ýyllar geçenden soň siz hem özüňiz ýaly ýagdaýa duçar bolan adama gabat gelersiňiz. Siz ony bägüliň belgisi boýunça tanarsyňyz—onuň ýakasynda gül bolar. Oňa meniň beren pulymy berersiňiz. Şol döwre çenli bu pul siziň üçin ul;y bir zat bolmaz, ýöne bir jübi puly bolar. Siz edil meniň edişim ýaly etmelisiňiz: özüňiziň alan puluňyz ýaly puly oňa öz işini ýeterlik başlangyç maýa bilen başlar ýaly bermelisiňiz. Bu ýagday, eger puluň hümmetliligi şeýle derejede duranda mümkindir, ýogsam şol on müňden derek galmaz.

Myhman ylalaşmak bilen baş atdy.

--Puly alyp, bu ýaş ýigit, haçan-da bolsa bir wagt sizden alan bilimini—siziň bolsa menden alan, mundan beýläk dowam etmek üçin bermek barada dabaraly ýagdaý da kasam etmelidir. Bu zynjyr hiç wagt hem üzülmeli däldir, ýogsam üstünlik sizi taşalap gider. Men bilýärin, siz dogruçyl adam, size ynanmak bolar, şonuň üçin hem men size bu syry heder etmezden ynanýaryn.

Ylalaşmakdan klaby joşgunly ýaş ýigit halypasyna çyn ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

--Siz ýene-de bir möhüm zady bilmelisiňiz...

Şol pursat ahyrsoňy tupan güýçlenip başlady. Jümläni tamamalaman nillioner dymdy, onuň ýüzi tukatlandy.

--Ähli alamatlar gabat gelýär,--diýip, ol pyşyrdady.—meniň diýşim ýaly,--ol ýene-de myhmana tarap öwrüldi,--siz ýene-de bir örän möhüm zady bilmeli:siziň menden öwrenen bu ajaýyp syryňyz siziň öz öňüňizde goýjak islendik maksadyňyza doly ýetmäge kömek eder. Men ägirt uly baýlyga meni şeýle güýçli derejede pul gyzyklandyrýandygy üçin ýetmedim. Iş ýüzünde munuň özi diňe aňyň güýjini ynamsyzlara aýan etmegiň bit usulydyr.

Goja ýene sözüne dyngy berdi, ýöne ýaş ýigit eke sowal bermäge-de taýýar däldi.

--Adamyň iň ajaýyp emlägi—erkinligidir,--diýip, millioner dowam etdi.—Baýlyk erkinlik getirýär. Oňa eýe bolup, siz ençeme hyýaly zatlaryň ýok bolup gidýüdigini görersiňiz. Hakyky erkinligiň perwaýsyzlykdadygyna düşünersiňiz. Munuň özi erkinligiň iň ýokary derejesidir. Kim iki eli boş gitse, ol hem baky bagyň solmaýam güllerini arzuw edip biler. Bu erkimlige ýetmek meniň bu dünýäde ýaş’amagymyň pynhan syry bolupdy. Kim daşky sypat boýunça baha berýän bolsa, meni işi şowly biznesmen hasap edýärdi, men bolsa mydama-da ýönekeý bir bagbandym.

Şu pursat ýaş ýigit sowal bermek kararyna geldi:

--Näme üçin siz bu zatlary maňa gürrüň berýärsiňiz? Siz näme üçin maňa pul berdiňiz? Siz maňa hiç bir babatda-da borçly däl... Meniň ýerime başga biri-de gelip bilerdi.

--Ýöne hut başga biri däl-de, hut siz geldiňiz. Siziň islegiňiz sizi meniň ýanyma getirdi. Durmuş wakalarynda mydama-da şeýle bolýar. Ýöne ýere şägirt taýýar bolsa halypa tapylýar diýilmeýär. Mundan başga-da, men şeýle bir köp zada eýe boldum welin, bermek meniň üçin kadaly ýagdaý.

--Belki,--diýip, ýaş ýigit gaty bir öz aýdanlaryndan yza çekilmejek bolyp gürledi.—Ýöne näme-de bolsa näme üçin meni saýaldyňyz?

Basym Millioner ýylgyrdy.

--Siz gönümel. Men hem şeýle.—Ilkinji gezek mydama agras, biparh garaýyş onuň ýüzünden aýryldy, ol ýaş ýigide mylakatly, peder nazary bilen seretdi.—Ýeri bolýar-da, eger hakyky sebäbi bilmek isleseňiz, onda aýdaýyn. Siz meniň sözlerimi şu wagt kabul edip bilersiňizmi, biljek däl. Belki-de, haçan hem blsa bir wagt...

Ýaş ýygydy duýgy gaplap aldy, ýogsam ol edil şu wagt weşiden zatlaryna düşünendigine şeýle bir ynamy-da ýokdy. Millioner onuň ýanyna geldi. Şu wagta çenli ol ýeke gezek hem şeýle dabaraly görünmändi. Uzyn boýly we syrdam, ol patyşa ýaly ädimläp ýöräp barýardy. Ýyllar, göwnüňe bolmasa, onuň nur saçýan ýüzüne täsir etmedik ýalydy. Ol sag eliniň süýem barmagy bilen myhmanyň maňlaýyna mylaýymlyk bilen degirdi-de şeýle diýdi:

--Özüňiziň kimdigiňizi hakykatdan-da özüňiz üçin açyň. Hakykat mydamalyk sizi erkinlige goýberer.

Başga ol hiç zat diýmedi. Tupan çalt peýda bolşy ýal-da çalt geçip gitdi, asmanda gün şöhle saçýardy. Goja gerekmejek şemdany alyp, sesini çykarman öýden çykyp gitdi. Ýaş ýigit elinde gojanyň beren bir petde puly bilen ýeke agys söz aýtmaga ýagdaýy bolman otyrdy, kellesini dürli pikirler gaplap alypdy. Ol özüni diýseň ýalňyz duýdy.

# 15-NJI BÖLÜM: ÝAŞ ÝIGIT WE GOJA HER HAÝSY ÖZ ÝOLARY BILEN GIDÝÄRLER

**Ýaş ýygyt ýekelikde uzak wart oturmady. Nirdenkä hyzmatçy eli bukjaly peýda boldy. Ol ýaş ýigide şeýle sözler bilen bukjany uzatdy:**

--Hojaýyn şuny size gowşurmagy maňa tabşyrdy. Ol şu hatyň mazmunyny otagda, ýekelikde okamagy towakga edýär. Siz bu ýerde ýene bir gün bolup bilersiňiz, onsoň siz bu ýerden gitmeli bolarsyňyz. Şojaýynyň islegi şeýle.

Bilesigelijilikden ýüregi ýarylyp barýan ýaş ýigit minnetdarlyk bildirdi we gulak asyjylyk bilen öz otagyna tarap ýöneldi. Bu gezek ol, bilip bolmaz, nobatdaky pyryldakdan ätiýaç edip, gapyny açyk ýagdaýda galdyrdy.

Sekiniň bir gyrasyna çöküp, ol bukjany gyssanmaç ýyrtyşdyrdy we gara syýa bilen owadan ýazylan haty ondan çykardy. Hatdan bägüliň çalaja ysy gelýärdi.

***“Şunda meniň size iň soňky haýyşlarym beýan edilendir ,--diýip, hatda aýdylýardy.—Men size özümiň tutuş kitaphanamy wesýet edýärin. Bu kitaplar size örän zerur bolar. Adamlryň köpüsi kitaplara dogry çemeleşmeýärler. Käbirleri kitaplaryň mazmuny hiç hili gymmata eýe däl diýip ynanýarlar we edil özleri dünýäni täzeden çýan ýaly ýaşaýarlar. Kitaplarda jemlenilen bilimlerden ýaraglanman, olar geçen nesilleriň ýalňyşlyklaryny gaýtalaýarlar, munuň üçin biderek ýere ençeme wagtlaryny we pullaryny sarp edýärler. Beýlekileri bolsa başga bir öte geçmelere ulaşýarlar—kitaplarda aýdylýan zatlaryň ählisine seljermesizden ynanýarlar. Olar indi özlerine oýlanmagyň zerur däldigini, sebäbi kitaplaryň awtorlarynyň eýýäm olar üçin ähli zady oýlanyp goýandygyny aýdýarlar. Awtorlar, köp halatlarda mynasyp adamlar, durmuş ýolunda özleriniň uzak wagtlyk syýahatlarynyň dowamynda köp zatlary gören adamlar. Islendik kitap—belli bir derejede jahankeşdelik barada hekaýadyr. Ýöne siz öz ýoluňyz bilen gidýärsipis we başga biriniň ýoluny gaýtalamaýarsyňyz. Kitaplardan wagtyň synagyndan geçen zatlary alyň. Ahyrsoňynda-da, size şeýle diýmekçi. Özüňiziň iň uly baýlygyňyzy—kelläňizi ulanyň. Häzirlikçe, oýlanmak üçin şondan gowy zat oýlanyp tapylmady. Gynansak-da, adamlar adatça bütin ömri diňe özbaşdak pikirlenmekden sypjyklyk etmek bilen meşgullanýarlar. Adam tebigaty şeýle: ýeňil ýoly, has anygrak edip aýtsak, göräýmäge ýeňil ýoly gözlemek bilen meşgul bolýarlar. Tebigat we instinkt adamlardan rüstem gelýär. Ýöne siziň aňyňyz ýeňiji bolmalydyr. Biziň ilkinji tanyşlygymyzdan başlap, özümiň uzak ýylllaryň dowamynda ýygnan parasatlylygyň merjenini size bermäge çalyşdym. Şu bukjada siz ýene bir haty taparsyňyz. Onda meni ruhy mirasym bardyr. Ony mümkin boldugyndan köräk asama bermäge çalşyň, şonda men biderek ýaşamandyryn diýip hasap edip bilerin. Biziň duşuşyklarymyz barada, meniň syrlarym barada gürrüö berersiňiz, ýöne şondan ozal siz olary öz başyňyzdan geçirmelisiňiz. Diňe ymykly barlanylan we synagdan geçen usul gymmata eýedir. Ýene alty ýyldan siz millioner bolarsyňyz. Şondan soň meniň ruhy mirasymy adamlara hödürlemek we biziň duşuşygymyz barada gürrüň bermek üçin ähli zerur zatlary erkin edip bilersiňiz.***

***Indi bolsa men siziň bilen hoşlaşýaryn. Meniň güllerim maňa örän kän garaşdylar.”***

Joşup gelen duýgulardan demigip, ýaş ýigit bukjanyň içine sderetdi. Onuň içinde bägül görnüşli gyzyl mum mşhür bilen möhürlenen ýene bir bukja bardy. Ýaş ýigit seresaplylyk bilen möhüri aýyrdy we bukjany açdy.

Goja millioneriň ruhy wesýetnamasy elde iri, ajaýyp harplar bilen ýazylan, binäçe sahypadan ybarat uzyn bir hatdy. Göwnüňe bolmasa bu harplar durmuşdan joşgun alyp, dem alýan ýalydy. Myhman okamaga durdy we minutdan hem köp däl ýaly  bolup görnen bir sagadyň nähili geçenini bilmän galdy.

Haty okap bolup, ýaş ýigit dessine goja millioneriň ýanyna bu bahasy ýok sowgady üçin minnetdarlyk bildirmäge barmak isledi. Çalt ädimläp ol naharhana bardy, emma ol ýerde hiç kim ýokdy. Ol öý hyzmatçysyny çagyrdy, emma jogap bolmasdy.

Myhman tupandan soň goja öz gülleriniň ýanyna barandyr diýen karara geldi. Ol baga tarap ylgap gitdi we goja millioneri çagyryp başlady, birdenem onuň gül nahallarynyň ýanynda ýerde ýatandygyny gördi. Onuň ýanynda ýanyp duran ekeje, özem uzyn şemli şemdan bardy, beýlekileri ýanyp gutarypdy. Ilkibaşda ýaş ýigit täsin goja şeýle bir amatly däl ýerde dynjyny almak isländir diýip pikir etdi. Ýakynrak baryp, ol haýsydyr bir çynlakaý zadyň bolandygyna düşündi.

Goja topugyna çenli ýetip duran ak geýimde, döşünde goýulan elinde ýekeje güli saklap ýatyrdy. Onuň aladasyz ýüzünde hiç nili agyrynyň, hasratyň alamatlary ýokdy, ol adatdan daşary bagtyýarlyk bilen ýalpyldaýardy. Ýaş ýigit dyzyna çökdi we gulagyny gojanyň döşüne goýdy. Ümsümlik. Iň ýaramaz müňkürlik dogry bolup çykypdy: goja ýogalypdy.

--Nähili täsin ölüm!—diýip, ýaş ýygyt seslensi. Goja millioner özüniň dünýe bilen hoşlaşmaly boljakdygyny oňünden takyk bilipdi. Belki-de, ol bu pursaty diňe onuň özüne mälim syrly usul arkaly belländir? Ýa-da ol ýöne ölmek isländir? Muny ýaş ýigit indi hiç wagt bilip biljek däldi. Özüniň soňky syryny millioner özi bilen alyp gidipdi.

Ýaş býigit özüniň hem bu ýerden gitmeli wagtynyň gelendigini duýdy. Ýöne, mülkden çykyp gitmezinden ozal ol gojanyň elinde gysymlap ýatan gülüni almak isledi. Meýdiň üstüne egilip, ol güle elini degirdi, emma birden elini yzyna aldy. Ol şeýle etmek bilen goja milloneriň hakydasyny depgilejekdigine düşündi. Ol onuň gülidi, onuň iň soňky hemrasy we ýoldaşydy. Dikelip, ýaş ýirit semdanda soňky şemiň heniz hem ýanyp duranyny gördi. Onuň gözüne ýaş aýlandy. Ol goja bilen köp wagt bile hem bolmady, emma oňa edil atasy ýaly, kemsiz öwrenişipdi.

Şemiň alawlaryna seredip, ýaş ýigit hiç wagt hem goja millioneri ýüň sakgal etmejekdigine kasam etdi. Ol onuň taglymatyna eýerer, soňra bolsa ony beýlekilere öwreder. Ol sözünde tapylmak üçin ähli güýjüni bir ýere jemlär. Haçan dabaraly kasamyň iň soňky sözleri tamam bolan pursaty şem söndi.

Ýaş ýigit halypasynyň wesýetnamasy ýazylan bukjany bagryna basyp, bu ýere gelen ýoly bilen hem çykyp gitdi.

Ertesi gün onuň öýüne millioneriň kitaphanasyny getirdiler. Ol jaýyň ähli ýerini diýen ýaly tutdy, ýaş ýigit bolsa kitaplaryň bir böleginden dynmalydy ýa-da täze jaý gözlemelidi. Ol göçmegi makul bildi we muny ýeňillik bilen amala aşyrdy. Eýsem munuň özi onuň öňünde düýbünden başga durmuşyň garaşýandygy barada ýakymly alamat dälmi?

# SÖZSOŇY

Goja millioneriň belleýşi ýaly, alty ýyl hem geçmänkä ýaş ýigit özüniň ilkinji millionyny gazandy. Ol kasamyny berjaý etdi. Ýene bir aý oňa özüniň Basym Millioner bilen duşuşygy, onuň syrlary we filosofiýasy barada ýazmak üçin gerek boldy.

**Awtory: Mark Fişer.**

**Terjime eden: P. Garaýew.**